**Arap Gurbanow ÇYN GÜLLER (Powest)**

Öwez uruşdan gaýdyp gelenden soň öýlendi. Onuň şol wagt ýigrimi ýedi ýaşy bardy. Bolsa-da, bagtly eken. Onuň öýlenen gyzy obada iň owadan, iň asylly gyzlaryň biridi. Nurbibi oňa üç gyz dogrup berdi. Öweziň özem görmegeý, saryýagyz ýigit bolansoň, olardan önen çagalaram biri-birinden zyýadady. Olaryň ulusyna Miwe, ortanjysyna Sona diýýärdiler. Iň kiçisine yrym edip dördünji çagamyz ogul bolsun diýip, Bessir adyny dakdylar. Gül ýaly durmuşlary bardy. Öwez uruşdan gelip, ýene-de obada mugallymçylyk kärine başlady. Ýöne uruş öz etjegini edipdi. Öweze agyr ýara düşüpdi. Ýaňy otuz bäş ýaşyna ýeteninde şol ýarasyndanam wepat boldy. Şeýdip maşgala atasyz galdy. Bessir bilen Sona bu zatlara düşünerden heniz ýaşdy. Miwäniň hemme zada akyly çatýardy. Kakasynyň ölümine ejesi bilen des-deň aglaşdy. Birdenem onda «Ejem aglap öler» diýen gorky döredi-de, ejesine ýalbarmaga başlady. «Eje, jan eje, aglamasana! Sen aglasaň, bizem durup bilemzok!» Ejesi gyzyna düşündimi-nämemi, garaz, soň aglamady. Ejesi aglamasa-da, ýüreginiň aglap durandygyna Miwe düşünýärdi. Bir gezek ejesi Miwä arzyny aýdýan ýaly:
— Yzynda ýekeje ogulam galan bolsa, beýle bolmazdy — diýdi.
Nurbibi muny ýanyp-bişip, gynanjyny ýüregine sygdyryp bilmän aýdypdy. Adamsynyň yzynda ogul galmany üçin, onuň yzynyň ýitdigi hasaplaýardy.
Miwe muňa özüçe düşünipdi. «Ejem muny näme üçin diýdikä?» diýip, haýranlar galypdy. Gyzyň oglandan niresi kemmişin? Miwäniň ejesine berýän kömegini oglanlaryň birem berenok ahyryn. Oglan nämäniň alnyndan. Haçan görseň üýşüşip, köçe-köçe syryşyp, ygyşyp ýörler. Olaryň bar bitirýän işleri köçeden geçenleriň her haýsyna at dakyp, özünden kiçileri agladyp ýörmek. Mallaryna-da seredenoklar, içerilerinde-de. Miwe welin indi sygyrlaryna otam ýygyp bilýär, düýnem ýarty halta ýorunja ýygyp, ýolda birjigem gonman, öýlerine getirdi. Içerilerinem, howlularynam süpürip bilýär. Ejesi bir ýerik giden wagty, jigilerinde-de seredip bilýär. Jigileriniň birinem agladyp, ýekeje-de aç-suwsuz edenok. Ol kirem, polam ýuwup biljek-le, ýöne ejesi oňarmaz öýdýär. Miwe bularyň hemmesini ejeme kömek bolsun diýip edýär ahyryn. Asla Miwe ýaly öz ejesini gowy gorýän dünýäde bir barmykan? Onda näme üçin ejesi Miwäni gowy görenok-da, oglanlary gowy görýärkän? Miwe muňa hiç düşünip bilenokdy. Özüniň ogul bolup dogulmanlygyna-da gynanýardy. Şondan soň onda oglanlara gözi gidijilik, bäsdeşlik duýgusy oýandy. Hiç wagt olardan pes oturmazlyga çalyşdy. Ol muny hut ejesiniň öňünde subut etdi.
Oglanlar gara başlaryna gaý bolup, Miweleriň howlularynyň gapysynyň öňünde futbol oýnaýardylar. Miwäniň jigisi Sona «Biziň ýanymyzda oýnamaň!» diýse-de, oglanlar oňa gulak asmadylar. Sona olaryň oýnap ýören pökgülerini alyp suwa

oklady. Miwedenem ullakan bir oglanyň muňa gahary geldi. Sonany urup, agladyp goýberdi. Muny görüp Miwäniň nähili bolandygyny siz bir bilsediňiz! Ok ýaly atylyp, Sonany uran oglanyň üstüne topuldy. Bat bilen döşünden itekläp goýberdi-de, ýüzünden dyrnaçaklady. Geň zat! Ol oglan Miweden ulam welin, dulugynyň gananyny bilip, uly ili bilen möňňürmäge başlady.
Şol gün Miwe özüniň bu eden batyrlygyny ejesine guwana-guwana gürrüň berdi. Ejesi oňa düýbünden parhsyz garady. Gaýtam:
— Saçyňy sallap sähel zadyň üstünde urşup, sögüşip ýörmezler — diýip käýedi.
Ejesi käşgä gyzynyň ýüreginde nähili arzuwlary besläp ýörendigini bilýän bolsady, onda ol Miwä düýbünden başgaça garardy. «Mert gyzym, batyr gyzym» diýip, bagryna basardy. Ýüzünden-gözünden sypalardy.
Birden ulalaýmak aňsat däldi. Adam ulalyp kemala gelýänçä, durmuşyň müň bir synaglaryndan geçmeli bolýardy. Bularyň dünýä inenleri ýaňydy welin, eýýäm kakalary ölüp, ýetimlik dagyny çekmeli boldular. Her hal, olaryň ejesi bardy. Nurbibi ýaş, sagat aýaldy. Başy dik gezip ýörkä, heýem ol çagalaryny hor edermi? Nurbibi Öwez ölen ýyly kolhoza sagymçy bolup işe girdi. Başda ol çagalaryny gündizine çagalar bagyna tabşyrdy. Soň Miwe ulalyp, öý işine ýarap ugrady welin, çagalaryny şoňa tabşyryp başlady. Miwe jigilerini ejesiniň çak edişindenem oňat saklaýardy. Nurbibi işden ýadap gelse, öýüň içi süpürilip ýygnalgydy. Çaýy demlenip, basyrylgy durardy. Nurbibi Sona bilen Bessirden «agladyňyzmy?» diýip soranynda, «Ýok, aglamadyk» diýip jogap berýärdiler. Durmuşlar bolsa barha gowulaşyp barýardy. Kolhozam girdejisini ýyl geçdigiçe artdyrýardy. Onsoň olar hiç zada zar däldiler. Nurbibiniň üç gyzam sag-gurgunja, keýpleri kök, dünýäni ala-ýaz edip, gülşüp, oýnaşyp, gezişip ýördüler. Olar ýetimdiris diýip pikirem edenokdylar. Ýetimligiň derdini çekýän Nurbibiň özüdi. Ýöne welin Öweziň ýoklugy häli-şindi özüni duýduryp durdy. Nurbibi her gyzynyň ýüzüne bakanynda, Öwezden bir nyşan görýärdi. Hasam iliň kakalary işden gaýdyp geleninden erbet bolýardy. Beýleki çagalar «Kakam gelýär!» diýşip, uly şatlyk bilen kakalarynyň öňünden çykýardylar. Nurbibiniň çagalary bolsa, «kakam gelýär!» sesini eşidip, şol tarapa serederdiler-de, ýene öz işleri bilen gümra bolubererdiler. Bu zatlar bilenem öwrenişse boljakdy-la welin, başga-da bir belasy bardy. Nurbibi ýaş, owadan aýaldy. Onsoň, her kimiň gözi şondady. Her kim oňa lat atjakdy. Telpegi aganlar beýle-de dursun, aýally adamlaryňam oňa hyrydary gyt däldi. Nurbibi islese-islemese her hili ýakymsyz habarlaram gulagyna deger durardy. Onsoň ol şeýle habarlary eşidip, onuň pert jogabyny berip, gaýdyp dil ýarmaz ýaly, petigulysyny bermeli bolýardy. Ine, şonuň ýaly bolan-da welin, ep-esli günläp ýüregini agyrdyp gezerdi. Ýogsam, tüweleme geýnere, bezenere zat kändi. Tüýs geýnip, bezenmeli wagtydy. Arman, ol beýle zatlary edip biljek däldi. Wah, Öwez bolan bolsady, onda geýinerdem, bezenerdem, gülüp, ýaýynjyrap gezerdi. Bu wagt bezenip, geýnip çyksa, il-gün

**näme diýer? «Wiý, bu heleý-ä ärsiräpdir-ow!» diýmezlermi? Onsoňam yzyndan mejnun bolup ýörenler gyt däl ahyryn. Eger şeýdäýse, örç alşyp, daşyna jyn üýşen ýaly üýşäýmezlermi? «Ýok, ýog-eý» diýip, Nurbibi ýakasyna tüýkürýärdi. Şu zatlary pikir edip, käte-käteler Nurbibi çagalaryndan ogrynça, Öwezi ýatlap, zar-zelil aglardy.**

**Nurbibiniň çagalaryndan, hasam Miweden göwni hoşdy. Miwe indi ep-esli bolansoň, ejesine öý işiniň çigit ýalagam aladasyny ýetirenokdy. Nurbibi, onsoň, nirä gitse, yzyndan arkaýyndy. Miwäniň jigilerem indi, köplenç, arzlaryny ejesine däl-de, Miwä aýdýardylar. Miwe onsoň olaryň öňünde özüni jogapkär duýýardy. Bir arzlarynam bitirmän goýanokdy. Miwe dördünji klasda okap ýörkä, ejesi oňa aýak bilen sürülýän tikin maşynyny alyp berdi. Şol wagtlar maşyna zordan aýagy ýetýänem bolsa, Miwe sanlyja aýyň içinde maşynda tikin tikmegi suw ýaly öwrendi. Indi öz geýminem, jigileriniň geýimlerinem, ejesiniň geýminem Miwäniň özi tikýärdi. Biçip berseň bolanydy. Galanyny gül ýaly edip tikip, gül ýaly edip bejerip bilýärdi. Olar eşik üstüne eşik tikinýärdiler. Öwez bolanlygynda, Nurbibi beýle köp, beýle dürli-dürli eşikleri tikdirmese-de tikdirmezdi. Bu wagt ol muny bilgeşleýinden şeýdýärdi. Ol çagalarynyň kakasyzdygyny bildirmejek bolýardy. Iller seniň kakalydyňy ýa-da kakasyzdygyňy pikir edip duranoklar. Derrew eşigiňe seredýärler. Onsoň, Nurbibiniň çagalarynyň geýnişine il höwesdi. Üç gyzyň üçüsem her gün gurjak ýaly bezenişip çykýardy. Her gün ýuwulgy, daralgy, her haýsy aýyň bir bölegi ýaly bolşup, bir şahada ösen üç güle meňzeýärdiler.**

**Miwe bäşinji klasda okap ýörkä-de, özüni çaga hasaplaýardy. Nurbibiniň gözüne ol hasam şeýledi. Şol günleriň birinde Miwe süňňünde üýtgeşiklik syzdy. Birhili agraldy. Ähli bogunlary syzlaşyp ýaltanýandygynam, uklasy gelýändiginem bilip bilmedi. Bu ýagdaý onda ilkinji gezek bolany üçin, ýüregine howsala, gorky aralaşdy. Okuwdan gelip, eşigini çalşyrmakçy bolanynda, täp-täzeje, ýukajyk ýüpek köýneginde garaja tegmiljik gördi. Birdenem biri göräýmesin diýen howatyr bilen düýrleşdirdi-de, öýüň bir burçunda bukup goýdy. Şondan soň birki gün birhili müýnli ýaly bolup gezdi. Özüniň bu ýagdaýyny iller bilip duran ýaly, hiç kimiň ýüzüne göni bakyp bilmedi. Onda şu çaka bolmadyk häsiýetler bolup ugrady. Miwe şu çaka çenli utanjaňlyk, çekinjeňlik, ýygrykmak ýaly sözleri eşitse-de, onuň doly manysyna düşünmeýärdi. Oglanlar ýaly hiç zatdan utanyp, hiç zatdan çekinip duranokdy. Olar ylgasa, Miwe-de ylgardy, sögüşse, Miwe-de sögüşerdi. Bardy-geldi, ýakalaşyp uruşmaly bolaýanda-da çekinjiräp durmazdy. Indi welin adamlardan birhili utanjyrap, çekinjiräp başlady. Sähel zatda ýygrykdy. Ol şu çaka çenli dünýäniň ähli gurluşy oýun oýnamakda, özüň ýalylardan kem oturmazlykda, ejeňe kömek bermekde, sapagyňy oňatja bilmekdedir öýdüp pikir edýärdi. Indi welin ol ýaňy dünýäň ujundan girip ugrandan soň, dünýäniň müň**

bir sapalagynyň bardygyny, dünýäden doýma ýokdugyny, ýaşaýyş diýen zadyň şeýlekin süýjüdigini duýup ugrady.
Miwe! Miwe jan! Sen ony ýaňy duýup ugradyň. Bu dünýäniň süýjüligi entek öňdedir. Ýöne, süýjüligiň bar ýerinde ajylygyňam bardygyny unutmagyn!
Miwe biçak owadan gyz bolup ýetişdi. Her kimiň ony gelin edinip bilse armany ýokdy. Elinden dür dökülýärdi. Onuň elde, maşynda tiken keşdeleri il gezdi. Her kim geýimini şoňa tikdirjekdi. Miwe-de ejesi ýaly işde ýaltanmany bilmeýärdi. Ilki sapagyny okap, soň gijäniň bir wagtyna çenli iş ederdi. Käte-käteler Nurbibi ony käýýäp ukladardy. Içindenem: «Gyzyma göz degmesin, alny-bagty açyk bolsun» diýip, alkyş baryny okardy.
Nurbibi indi başdaky ýaly däldi. Öweziň yzynda ogul galmady diýip, gaty bir ahmyr çekip ýörenokdy. Miwe öz sözünde tapylypdy. Nurbibi ony oguldan birjigem kem görenokdy. Bar maslahatçysy, bar tutarygy Miwedi. Miwe indi ol görýän çagajyk Miwäň däldi. Agrasdy, asyllydy. Gepi-gürrüňi batnykly, şeýlekin mähriban, şeýlekin mylakatlydy. Ýöne, başga bir zat welin Nurbibiniň halys ýüregine düşüpdi. Kyndy. Gaty kyn meseledi. Günde-günaşa ýüze gelip oturmalydy. Miwä sözaýdyjy gelýänleriň aňyrsy-bärsi ýokdy. Tanşam gelýärdi, nätanşam. Ýetimem gelýärdi, hossarlam. Nurbibiniň bolsa adamyň ýüzüne gelmäge duranja ýeridi. Wah, şunuň ýaly ýerde Öweziň gerek ýeri-dä! Öwez bolanlygynda, maslahaty ilki Öweze salardy. Öwez il arasynda özüni tanadan, tanşy kän adamdy. Her hili kyn ýagdaýdanam başy çykardy, onsoň ol näme etmelidigini derrew aýdyp bererdi. Hany indi Öwez ýetdirýärmi näme? Nätjek, Nurbibiniň alajy ýokdy. Baryny özi çözmelidi. «Ýetim oglan öz göbegini özi keser» etmelidi. Bu mesele-de oňa kömege ýetişýän ýene Miwedi. Ol ejesine: «Heý, şonuňam aladasyny ederlermi? Gyzymy okatjak diýerler. Gutardy gitdi» diýerdi. Dogrudanam, «Gyzymy okatjak» diýen söz Nurbibä uly tutaryk boldy. Ol kim gelse, şony diýýärdi welin, olaryň alajy bolmazdy.
Sözaýdyjylary yzyna gaýtarany bilen bolaýýan bolsa, onda boljak-la welin, sözaýdyjysyz söz gatýanlaram gyt däldi. Bäşimem şolaryň biridi. Ýogsam şondan şeýle zat çykar öýdüp, Miwäniň ýatsa-tursa hyýalyna-da gelenokdy.
Bäşime kim-kim, Miweden belet adam ýokdy ahyryn. Miwe indi on ýyldyr Bäşim bilen bir klasda okap ýördi. Bütin klasda, asla, bütin mekdepde şondan ýuwaş oglan bardyr diýip Miwe pikir etmeýärdi. Ony gürletmeg-ä beýle-de dursun, jogap aljak bolsaňam, uly hyllallady. Her gezek tagtanyň öňüne çykyp jogap berjek bolanynda, wagty bilen geplemezdi, ep-esli wagtlap gözüni asmana dikip sömeler durardy. Onuň beýdip durşuna diňe bir okuwçylaryň däl, mugallymlaryňam ýüregi gysardy. Bir zat aýdaýjak ýaly bolup, asyl aýtmazdy welin, mugallym teý-ahyr durup bilmän: «Hany, gazyk ýuwdan ýaly beýdip durma-da, bir zat gürlesene, how!» diýerdi. Şondan soň, häliden bäri gülküsini saklap oturan okuwçylar gyzyl-gyran gülşerdiler. Bäşim şonda-da geplemezdi.

Miwe, ine, şol oglandan hat aldy. Miwe başda ony Bäşim däl, başga biri ýazandyr öýtdi. Okap agzyny açdy. Beýle-de bir hat boljak eken-ow!
«Sen meni geň görme. Şu haty ýazýançam çeken jebirlerimi sen bir bilsediň!.. Şu haty ýazýançam tegelek dört ýyl, ýok, ýalan sözledim, seni görelim, seni tanalym bäri içimi gepledip, umyt edip, delmuryp gezdim. Diýmek, bu hatyň on ýyllyk taryhy bar. On ýyl geçensoň az ýaly. Emma seredip otursaň, biçak kän wagt. Ondan bäri näçe özgerişler boldy. Şu geçen ýylyň içinde senem, menem ulaldyk, sowat öwrenip, adam çykdyk. On ýyl mundan öň senem, menem kiçijikdik. Seniň ala-böle üýtgeşik, illeriňkiden owadan, towaryp duran gulpagyň bardy. Sen şol wagtlar gyza däl, ýanyp duran oda meňzeýärdiň. Gara gözleriň ýaldyraşyp, dogumyňa bäs gelmän oýnaklaşyp durdy. Şol wagtlar sen magazinlerde satylýan, ýöne diýseň seýrek duş gelýän gymmatbahaly eýjejik gurjaga meňzeýärdiň. Eger sen adam bolman, dogrudanam gurjak bolan bolsaň, barja dünýämi satyp, seni satyn almaga taýyndym. Arman, sen gurjak däldiň. Adamdyň. Biriniň gyzydyň. Seniň bilen oýun edişesim gelýärdi. Seni bezeg edip bütin dünýä görkezesim gelýärdi. Seniň welin, azaryňa-da däldi. Meni dünýäde bardyram öýdeňokdyň. Sen ulaldyň. Sen ulaldygyňça meniňem saňa bolan söýgim ulaldy. Indi men şol söýgimi ýetjek derejesine ýetdi hasap edýärin...»
Miwe haty okan dessine ýyrtyp goýberdi. «Samsyk akyly çaşan! Gel, gel sen maňa şeýle hat ýazmaly bolduňmy?»
Miwe muňa özüçe düşünipdi. «Ejem muny näme üçin diýdikä?» diýip, haýranlar galypdy. Gyzyň oglandan niresi kemmişin? Miwäniň ejesine berýän kömegini oglanlaryň birem berenok ahyryn. Oglan nämäniň alnyndan. Haçan görseň üýşüşip, köçe-köçe syryşyp, ygyşyp ýörler. Olaryň bar bitirýän işleri köçeden geçenleriň her haýsyna at dakyp, özünden kiçileri agladyp ýörmek. Mallaryna-da seredenoklar, içerilerinde-de." gyz caga shu "Ogul bolan bolsa begenerdik" yaly sozler yaman agyr degyar, islenilman dunya gelen perzent yaly duygy bilen yashatmak tutush omri boyunca
Şol günden soň Başim okuwda görünmedi. Görnäýen bolsa Miwe Bäşimi ýerden alyp, ýere sokjakdy. Şol gün Miwe gaharlanyp, titräp gezdi. Diňe öýlerine baryp, sapagyny, işini bolup, gijäniň birwagty ýerine geçip ýatanynda, Bäşimiň haty göz öňüne geldi. «Ýalançy, nejis, heýem adam ýedi-sekiz ýaşda-da biri-birini söýermi diýsene!.. Heý, on ýyllabam şeýdip birini söýüp, gezip ýörüp bolarmy?.. Onuň kellesinde näme-de bolsa, bir zadynyň ýetmeýändigini ozalam bilýärdim-le!...»
Birdenem, edebi kitaplarda şonuň ýaly zatlara köp duş gelendigi ýadyna düşdi. Kän uzaga gidip durup näme etjek. Mejnunam, Tahyram... şeýle ahyryn. «Sendenem bir Tahyr bormy, samsyk!» Bäşimiň ýazan haty hakynda pikirlenmek Miwä birhili gyzykly bolup göründi. Dogrudanam, Bäşim ony gowy görýän bolsa, şu geçen on ýylyň içinde Miwe ony aňmazmydy? Miwe näçe pikir etse-de, onuň bilen gürrüň edenligi-de ýadyna düşmedi. Diňe onuň mölterilip bakýan, birneme

gaharly ullakan gözleri ýadyna düşdi. Bäşim gaty seýrek gülüp, seýrek ýylgyrýardy. Miwäni ondan daşlaşdyrýan esasy häsiýetleriniň biri-de şoldy. Bäşim beýleki oglanlar ýaly degşip, gülüşmäni başaranokdy. Onuň nämä gülküsi tutup, näme gaharynyň gelýändigini özi biläýmese, başga kişiniň biljek gumany ýokdy. Miwe Bäşim hakynda pikir etdigiçe, ol oňa geň, birhili syrly adam bolup göründi. Onuň geçen on ýylyň içinde Bäşim bilen bir klasda oturybam ol hakda pikir edip görmeýşini diýsene!.. Miwe ony pikir etse-de ederdi, ýöne onuň Miwe üçin hiç bir ähmiýeti ýokdy. Onuň Miwä ýazan hatyna seretseň-ä, ol bu görýän Bäşimi däl-de, düýbünden başga Bäşime meňzeýärdi.
Miwe ertesi okuwa baranda, Bäşim mydama-da bolşy ýaly, bu gezegem klasda bir özi (beýleki okuwçylaryň barysy daşardadylar) geçilýän predmetlere degişli bolmadyk başga bir kitabyň sahypasyny açyp, öz partasynda çüňke gysylyp otyrdy. Miwe klasa girende, Bäşim oňa tarap bakdy-da, üýtgeşik, geň bir ýagdaýda ýylgyrdy. Miwe onuň beýle ýylgyrmasyny görse-de, hamala oňa düýbünden üns bermeýän adam hökmünde, sumkasyny öz oturýan ýerindäki partalaryň biriniň gözüne saldy-da, şowurdap gelşine ýene-de yzyna, daşaryk çykyp gidibermekçi boldy. Bäşim şol wagt ýerinden turdy-da, dik duran ýerinden Miwä sowal berdi.
— Hatymy aldyňmy?!..
Miwe eşitmediksirän bolup, gaharly görnüşde çalt-çalt ýöräp, klasdan çykyp gitdi. Birküç günden soň Miwe ýene-de okuwa gelende, Bäşimiň klasda özüniň oturandygyna gabat geldi. Bäşim bu gezegem öňküsi ýaly geň görnüşde Miwä ýylgyryp bakdy. Miwe öňküsi ýaly hiç zat diýmän, portfelini partasynyň gözüne salyp, çykyp gidibermekçi boldy. Bäşim duran ýerinden gürledi.
— Miwe, hat ýazanymy bagyşla, gaty görme. Enem-atam bolan bolsa, menem iller ýaly, öýüňize sözaýdyjy ibererdim.
Miwe onuň ýetimdigini şonda bilip galdy. Şonda Miwäniň özüniňem ýetimligi ýadyna düşdi. Ol wagta çenli özüni ýetimdirin öýdenokdy. Meniň kakam ýok. Onda bolsa ikisem. Şonda oňa Miwäniň nebsi agyrdy. Onuň üstünden näçe gezekler gülendigi ýadyna düşüp, öz ýanyndan gynandy.
* *
Bäşim mese-mälim horlanýardy. Onuň horlanýandygyny diňe Miwe däl, klasyň ähli okuwçylaram duýýardy. Ol indi öňküsindenem beter tutuk boldy. Ol ozal näçe tutugam bolsa hiç kime gaharlanyp, hiç kime ajysyny pürkýän adam däldi. Indi kimem bolsa tapawudy ýok, sähel degjek bolsalar, it ýaly ýüzüni dalap goýberýärdi. Oglanlar öz aralarynda «Muňa bir zad-a bolupdyr. Düýbünden öňki Bäşime meňzänok» diýip, gürrüň edişýärdiler. Iller bilmese-de, Miwe bilýärdi. Bäşim Miwä aşyk bolupdy. On ýyllap Miwäniň adyny ýüreginde besläp gelipdi. Ahyrynda-da, şol on ýylky arzuw-umytlaryny Miwe bir minutyň içinde ýedi gat ýere sokup, üstüni tapbatlap, gömüp goýupdy. Onsoň ol neneň horlanmasyn,

neneň üýtgemesin? Ol häzir ýaraly gaplaňa dönüpdi. Bu wagt onuň bilen oýun etmeklik eliň otluçöpli gury däri bilen oýun eden ýalydy. Belki-de, onuň şu çaka çepli tutuklygam, köp geplemezligem, gaharly, geň garaýyşlaram ilki başdan Miwäni söýenligi üçindir? Ony bir özünden başga bilýän ýokdy. Ine, indem özünden başga diňe ýekeje adam — Miwe bilýärdi.

***

Bäşim mese-mälim horlanýardy. Onuň horlanýandygyny diňe Miwe däl, klasyň ähli okuwçylaram duýýardy. Ol indi öňküsindenem beter tutuk boldy. Ol ozal näçe tutugam bolsa hiç kime gaharlanyp, hiç kime ajysyny pürkýän adam däldi. Indi kimem bolsa tapawudy ýok, sähel degjek bolsalar, it ýaly ýüzüni dalap goýberýärdi. Oglanlar öz aralarynda «Muňa bir zad-a bolupdyr. Düýbünden öňki Bäşime meňzänok» diýip, gürrüň edişýärdiler. Iller bilmese-de, Miwe bilýärdi. Bäşim Miwä aşyk bolupdy. On ýyllap Miwäniň adyny ýüreginde besläp gelipdi. Ahyrynda-da, şol on ýylky arzuw-umytlaryny Miwe bir minutyň içinde ýedi gat ýere sokup, üstüni tapbatlap, gömüp goýupdy. Onsoň ol neneň horlanmasyn, neneň üýtgemesin? Ol häzir ýaraly gaplaňa dönüpdi. Bu wagt onuň bilen oýun etmeklik eliň otluçöpli gury däri bilen oýun eden ýalydy. Belki-de, onuň şu çaka çepli tutuklygam, köp geplemezligem, gaharly, geň garaýyşlaram ilki başdan Miwäni söýenligi üçindir? Ony bir özünden başga bilýän ýokdy. Ine, indem özünden başga diňe ýekeje adam — Miwe bilýärdi.

Her näme diýseňem, Miwe adam ahyryn. Onda-da illeriňki ýaly rehim damarlary bar ahyryn. Ol Bäşimi beýdip, kösäp gezip bilmez ahyryn. Miwe şeýle-de etdi. Şundan şeýlek onuň göwnüne degmezligi öz ýanyndan berk şert edip goýdy.

Bäşim soňam bir gezek:

— Heý, bir jogap berjek dälmi? — diýip sorady. Miwe şonda ýüzüni aşak salyp, ep-esli pikirlenip gördi. Göwnüne geňeşdi. Emma belli bir netije çykaryp, bilmän:

— Men saňa näme jogap bereýin? — diýdi.

Miwäniň şojagaz jogabyna-da, Bäşimiň ýüzi ýagtylyp gitdi. Elleri-aýaklary görülmedik geň hereketler etdi.

— Sen meniň hatyma ynansaň bolýar. Sen maňa ynanýan dälsiň? Ýöne hemmesi dogry. Adamyň durmuşynda şeýle zatlaryň boljak ekenligine özümem haýran galýan. Bilýän, men ile birhili gülkünç görünýän bolsamam, görünýändirin. Ýöne, men başda beýle däldim. Hasam, soňky ýyllar seniň ýetişip, gyzyl gül ýaly ýalpyldap açylyp başlan wagtyňdan bäri erbet boldum. Seni görsem, görmeg-ä beýlede dursun, sesiňi, adyňy eşitsemem, ysgyn-mydardan gaçýan duruberýän. Meniň ýagdaýym şeýle, seni gowy görýän, sen diýip ölüp ýatyryn... Nädeýin, alajym ýok.

Bu sözleri aýdýarka, Bäşim öňki Bäşime meňzänokdy. Sözem, özem üýtgeşikdi. Çalt, dogumly, dury, tüýs ýürekden syzdyryp, joşup-joşup gürleýärdi. Miwe:

— Sen öňki Bäşimmi beri — diýenini duýman galdy.
— Men şol. Öňki Bäşim. Ýöne, sen ol wagtlar meni düýbünden tanaňokdyň. Üns bereňokdyň. Ine, indi azajyk üns berdiň. Seret, eýýäm, bir azajyk tanap ugradyň.
***
Miwäniň ýekeje arzuwy bardy. Olam, basymrak bir okuw gutarsa, şu Bäşimli beladan bir dynsam diýýärdi. Ýogsam, her gün, her sagat onun nazaryndan sypma ýokdy. Göwnüne bolmasa, Miwe kitap okap otyrka-da, biri bilen gürleşip durka-da Bäşim oňa, şol içi doly hasratly, içi doly ahmyrly gözlerini dynman dikip oturan ýalydy.
Hernä, okuwam haý diýmän gutardy. Bular eline gutardyş attestatlaryny alanlarynda, ýokary okuw jaýlarynda okuwyny dowam etdirmäge ilkinji ündelenleriň biri-de Miwedi. Ejesi:
— Git, oglum, git ýoluň açykdyr — diýdi.
Hemme gyzlaryňam ejesi Nurbibi ýaly bolaýsa. Ol şu çaka çenli ýekeje saparam Miwäniň gaňryşyna gaýtmady. Miwe «Eje, men-ä aýdym-saz kružogyna ýazylandyryn» diýse, «Oňaraýypsyň!» diýdi. Ine, indem «Eje, men-ä uniwersitete okuwa ýazdylar. Gideýinmi?» diýse: «Git, oglum, git» diýdi.

Nurbibi üç gyzyndan başga kime guwansyn? Hudaý saklasyn. Nurbibiniň başy ýassyga ýeten güni «Eje jan!» diýip, daşyny gurşap aljak başga kişi däl-de, şu üç gyzydy. Heý, onsoň olam olaryň göwnüne degermi? Heý, onsoň ol olaryň diýenine ýok diýermi? Miwe bäş ýyldan okuwyny gutaryp gelse, sowatly, hünärli adam bolup ýetişse, oňa ýetesi näme bar!?
Miwe uniwersitete dokumentlerini tabşyryp, ekzamen bermek üçin otla münüp, Aşgabada tarap ýola düşeninde, wagonyň içinde Bäşimem otyrdy. Miwäniň öz münen wagonyna münendigini görüp, Bäşimiň begenjinden ýüregi böküp gitdi. Ol bütin ömründe şeýle begenen däl bolsa gerek.
Bäşim otly ugran dessine, Miwäniň ýanyna barjakdy. Arman, onuň ýanynda ýene-de iki sany gyz bardy. Ol onsoň birbada ebeteýini tapmady. Ol ýol boýy Miwäniň küpeden daş çykaryny diledi. Miwe weli edil bilgeşleýin edýän ýaly, ýekeje gezegem çykmady. Her niçigem bolsa, Bäşim köp saklanyp bilmedi. Bir gazetiň içini halyly üzümden dolduryp, olaryň küpesine girdi.
— Sag-aman gelýäňizmi? Alyň, üzüm iýip oturyň — diýip, ol içi üzümli kagyzyny gyzlaryň öňünde goýdy. Beýleki gyzlar Bäşime garasalaram, Miwe başyny galdyrmady. Gyzlaryň garaýagyzy:
— Sizem Aşgabadamy? — diýip sorady.
— Hawa, uniwersitete ekzamen bermäge barýan.
galdyrmady.

— Şeýlemi? A gyz, saňa-da ýoldaş tapylypdyr. Ynha, bu oglanam uniwersitete ekzamen bermäge barýan eken-ä — diýip, ol gyz Miwäniň egnine kakdy. Miwe şonda-da kellesini galdyrmady.
— Haýsy fakultete girmekçi?
— Taryh.
— Edil özi-dä — diýip, garagözelek gyz ýene-de Miwäniň egnine kakdy. Miwe şonda-da kellesini galdyrmady.
— Miwe, senem taryhamy? — diýip, Bäşim sorag berdi.

Miwe ýüzüni daşaryk, aýna tarap öwrüp, çalaja:
— Hawa — diýip, jogap gaýtardy.
Bäşim şoňa-da monça boldy. Hezil edinip uludan demini aldy-da, ýylgyrdy:
— Bolýar, gyzlar, men öz küpäme barjak.
Ap-ak togalajyk gyz:
— Oturyň-da — diýip, sypaýyçylyk etdi.
— Menem ýoldaşlarymyň ýanyna baraýyn.
— Getiren üzümiň üçin sag bol, oglan.
Bäşim giden dessine, gyzlaryň biri öňlerinde bulduraşyp duran halyly üzüminiň birini dadyp gördi.
— Bal ýaly ekeni! — diýdi.
Beýleki gyzam dadyp gördi. Diňe Miwe datmady.
— Sen näme iýeňok?
— Iýesim gelenok
— A gyz, seniň birhili ýüzüň çytyk görünýä-le, ýa-da yzyňda söýgüliň galdymy? — diýip, garaýagyz gyz çalaja güldi.
— Aýdyp oturan zadyň näme gyz? Yzymda söýgülim galar ýaly hemme kişini özüňiz ýalydyr öýdýärmisiňiz?
— Söýuşmek aýypmy gyz, ne beýle gaharyň geldi?! — diýip, ap-ak, tokgaja gyzam söze goşuldy.
— Biziň-ä gaharymyz gelenok, öz aýdyşyňyza diýýän.
— Men-ä dogrusy — diýip, ap-ak, togalajyk gyz sözüni dowam etdi. — Bir oglany söýdümem, söýýänem. Olam men diýip ölüp ýatyr. Ejem dagam meni başga birine berjek boldular welin okuwa gaýtmagym ol beladan dyndardy oturyberdi. Söýmedigiňe baranyňdan-a asylyp öleniňem gowudyr.

Miwe şu ýerde ejesini ýatlady. «Meniň ejem nähili gowy adam ekeni...» Garaýagyz sowal berdi.
— Ýeri onsoň, ol söýýän oglanyň näme işledi?
— Yzyňdan barar duraryn diýýär.
— Bile okaýarmydyňyz? — diýip, Miwe söze goşuldy.

— Ýok-la, kolhozyň şofýory-la, pagta daşaýar. Bir görseňem, gurluşyk materiallarynam daşap ýör,
— Şofýorlykdan başga okan ýeri ýokmy?
— Onunjyny gutarypdyr. Bolýar-da name? Goşunçylykdan öten ýyl geldi.
— Şoňa barjakdygyňy ejeňe duýduraýsaň bolmaýarmy?
— Duýdurdym-la, hakyt bady-baran agladymam!
— Onda näme?
— Olara pul gerek. Ol neressede bolsa pul ýok.
— Gaçyp ötägitseň bolmaýarmy?
— Gaçaýmak dilde aňsat, dogan jan. Ene-ataň ýüzüni ýere basyp gidibermek gaty kyn zatdyr.
— Ol dogry — diýip, Miwe tassyklady.
— Biz-ä ejemiziň ýüzüne basyp, atan aýagymyzy ätläp bilmeris.
— Söýgi diýen zat gaty erbet zatmyş. Ol ene-atadanam geçiräýýämiş. Şeýdip öz söýýänleri bilen gaçyp gidýänler kän ahyryn. Ýogsam kimiň ene-atasyna hyýanatçylygy bardyr öýdýäň — diýip, garaýagyz gyz gürledi.
— Men-ä, dogrusy, öz şofýoryma barmasam, gözümi açyp giderin. Ene-atam göwnese-de bararyn, göwnemese-de. Neneň görýäň, jora jan? — diýip, togalajyk gyz Miwä ýüzlendi.
— Biz-ä ol zatlary bilmeris. Biziň-ä heniz onuň ýaly zatlar kellämize-de gelenok.
— Aý, goýup otur, jora jan, bujagaz görk-görmegiň bilen daşyňa tor gurup, göwnüňi awlap biljek ýigit saňa-da tapylar.
Miwe özüniň owadan ekenligine ýene bir gezek  göz ýetirdi. «Men şeýle owadanam bolsam, meni söýüp ýören näteňenälet» diýip, içini gepletdi. Onsoň ol gürrüňi öz üstünden sowjak boldy-da, ap-ak, togalajyk gyza ýuzlendi.
— Ýeri, indi tä şol oglan pul tapýança gezip ýörjekmi?
— Ol oglandan pul alaýjak bolsaň-ä, eşegiň guýrugy ýere ýetse gerek — diýip, ol güldi. — Onuň janyny alaýmasaň, başga zady barmy näme? Inwalid kakasy bilen garryja ejesi bar. Ol şolary ekläp bilse azmy? Ony göräýseňiz, pulam ýadyňyza düşmez, zadam. Özüm pul berip baraýyn diýersiňiz. Diňe gözleri nämä degmeýär. Biliberiň ahyry, eýýäm göresim gelýä-dä...
Gyzlar gürrüňe şeýle bir gyzykdylar welin, Tejen bilen Aşgabadyň aralygyny nähili geçendiklerini duýman galdylar. Olar uly tolgunma bilen paýtagtyň köp adamly, owadan, giň perronyna düşüp, her kim öz okajak ýerine tarap nähili gitmegiň maslahatyny edip durkalar, Bäşim Miwäniň elindäki çemedanyny aldy-da:
— Ýör!.. — diýdi.
Miwe göwünsizlik bilen onuň yzyna düşdi.

***

Berekella, Miwe!.. Berekella, Bäşim!.. Ikisem ekzamenlerden oňat geçdi. Ikisem uniwersitete kabul edildi.

Haý diýmänem okuwlar başlandy. Bäşim üçin bolsa iň düşnüksiz günler başlandy. Ol adamlaryň birden üýtgäýşine geň galyp, aňyrsyna çykyp bilenokdy. Ekzamenler döwründe adamlar düýbünden başgaçady. Her kim ekzamen bilen garabaşyna gaý, oňat geýinmeden, kino-teatrdan bizar, sag-aman ekzamenlerden ýykylman okuwa girip bilseler razydy. Barynyň ýüzünde alada, birhili howsala bardy. Her kim biri-birini görenlerinde hal-ahwal soraşýardylar. Ilki bilen «nätdiň, geçen saparky ekzamenden nähili geçdiň?» diýip soraýardylar. Köpüsi bolsa, bijesi galan ýaly ýüzlerini sallap: «Bolmady, ýykyldym» diýip jogap berýärdi. Şol günler Miwe Bäşimiň ýanyna telim gezek gelipdi. «Ýeri, pylan sorag düşäýse näme diýerin?» diýýärdi. Ýa-da «şol küti depderiňi maňa-da bersene, menem okap göreýin-le» diýýärdi. Bir topar zady Bäşimden sorap, ýazyp alýardy. Şondan ol Bäşimiň gözüne birhili ejiz, birhili gowuşgynsyz görünýärdi. Indi welin Miwäni tanar ýaly däldi. Ýörişem üýtgeşikdi, geýnişem üýtgeşikdi. Ol indi Bäşim bir zat soraýmasa ýalandan-çyndan onuň adynam tutanokdy. Hamana diýersiň ol ozal Bäşimi tanamaýan ýalydy. Hamana diýersiň ol ikisi bir obada ulalyp, bir obada ösmedik ýaly, bir mekdepde, bir klasda okamadyk ýalydy. Bäşimiň göwnüne ýeke Miwe däl, ähli adamlar üýtgäpdi. Bary geýnüwlidi, barynyň öz tirkeşýän adamlary, öz syr berişýän ýoldaşlary bardy. Hiç kimiň Bäşim bilen işi ýok ýalydy. Ol onsoň özüni ýeke duýdy. Illeriň eşiklerem Bäşimiňki ýaly däldi. Olaryň geýýän eşikleri üýtgeşik biçüwde, üýtgeşik matadan tikilen eşiklerdi. Bäşim öz ýanyndan «olar beýle üýtgeşik eşikleri nireden tapýarkalar?» diýip geň galdy. Onsoň onuňam olara meňzäsi, üýtgeşik oňat geýimler geýesi geldi. Ýöne ol beýle üýtgeşik eşikleri nireden alsyn? Onuň üçin ilki bilen pul gerekdi. Pul bolaýanlygynda-da o zeýilli eşikleri magazinlerden tapjak gümanyň ýokdy. Bäşim oturyp-oturyp, Miwä geň galýardy. Ol her gün bir hili eşik geýinýärdi. Bir gün ýaşyl geýýärdi, bir gün gyrmyzy. Miwe şeýle bir owadanlaşypdy welin, Bäşim ony her gezek göreninde haýran galyp, agzyny açyp galýardy. Bäşimiň göwnüne bolmasa, Miwäniň öňki uzyn saçlary has ýognap, uzalan ýalydy. Onuň ýüzi öňküsinden has ak, gaşlary has gara görünýärdi. Boýam öňküsinden uzyn, has berdaşlydy. Miwe owadanlanyp, şeýle oňat geýnensoň, Bäşim ony öňküsinden on esse beter küýsedi. Oňa bolan yşky on esse beter artdy. Bäşime bar işiňi taşlap, uzyn gün otur-da, göwün ýüwürt, sen nähili gyzy islärdiň diýselerem, ol Miweden başga owadan, Miweden başga mähriban gyzy göz öňüne getirip biljek däldi. Şeýdip Miwe Bäşimiň öňki derdiniň üstüne dert goşupdy. Miwe onuň bütin dünýäsini baglap goýupdy. Bäşim birwagt oňa het edip hat ýazyp bilenligine haýran galýardy. Ol indi Miwä söýgi hatyny ýazmakdan geçen, onuň bilen adam şekilli gurleşip bilse-de razydy.
Miwe gün-günden owadanlaşýardy. Miwe gün-günden dogumlanýardy. Indi onuň gülküsi dag aşýardy. Miwe şeýdip owadanlaşdygyça-da, şeýdip dogumlaşdygy-ça, Bäşim şonça-da müzzerýärdi. Miwe her güleninde Bäşimiň içi

ot alýardy. Ýürek oduna çydaman möňňürip, aglaberesi gelýärdi. «Men indi çydamok!» diýip, Miwäniň aýagynyň astynda togalanyberesi gelýärdi.

Hernä okuw bir gowy zat. Okuw Bäşimi gije-gündiz Miwäniň yşkynda ýanyp-bişip ýörmekden halas edýärdi. Ol okuwyna ýetişjek bolup, jap edip okaýardy. Leksiýa wagtynda dünýäni unudyp diňleýärdi. Agşamlaryna başyny galdyrman küti-küti kitaplar okaýardy. Konspekt ýazýardy. Ine, şol pursatlar ol Miwäni unudýardy. Ýöne sähel okuwdan eli boş wagtlary, ýa-da uklamak üçin ýerine geçip ýatan wagtlary ýene-de Miwe göz öňüne gelýärdi. Şeýdip Miwe onuň köp gijelerini ukusyz geçirmegine sebäp bolýardy.
Pagta ýygymy Bäşimi köp aladalardan halas etdi. Miwe ýene öňki Miweligine öwrüldi. Ol indi müň dürli öwsün atýan köýneginiň deregine içi pagtaly güpbä meňzeş bir zat geýipdi. Uzyn, ýogyn saçlaryny başynda düýrläp, ýüň ýaglyk bilen mazaly daňyp goýupdy. Aýagynda ädikdi. Başyny galdyrman iki eli bilen pagta ýygýardy. Miwe ozal owadanlykda, oňat geýinmekde uniwersitetde özüni tanadan bolsa, bu ýerde köp pagta ýygmakda özüni tanadypdy. Şeýdip Miwäniň dabarasy dag aşyp barýardy. Bäşim oňa daşyndan, sessiz guwanýardy. «Heý, Miweden edenli, Miweden owadan gyz barmyka?» diýip, içini gepletdi. Ine, şonda Bäşim Miwäniň bir wagtky çagalyk ýyllaryny ýatlady. Ol özi bilen deň-duş oglanlardan ýaryşda-da, okuwda-da yza galmazdy. Oglanlar bilen uruşmaly bolanda-da, Miwe olar bilen des-deň gyzyl ýumruga girişerdi. Miwäniň urşup iki oglany agladyp goýberendigini Bäşim hut öz gözi bilen görüpdi.
Günleriň bir güni Bäşimiň yzyndan iň uly agasy geldi. Ol Bäşime iýer-içer ýaly zat getirdi. Bäşim şonda agasyndan pul sorady.
— Puly näme etjek? — diýip, agasy sorady.
— Eşik alynjak.
— Näme, üşeýärmiň?
— Üşämok.
— Onuň ýaly bolsa eşik nämä gerek?
— Menden özgeleriň bary oňat geýinýärler.
— Hany seniň eşikleriň? Seniň eşikleriň täze ahyryn.

— Ýoldaşlarymyň hijisem meniň eşiklerim ýaly eşik geýnenoklar. Meniňki ýaly eşigi modadan galan hasap edýarler. Importnyý eşik geýinýärler. Agasy hezil edinip güldi.
— Aý, senem-ä, alýaň-aý! Asyl şeý diýsene?!.. Hany onuň ýaly eşikleri men nireden tapaýyn?
— Özüm alnaryn. — Näçe pul gerek?
— Bir müň.
— Näme!? — diýip, agasy geň galdy — Heý beýle gymmadam eşik bolarmy?

— Dagy nätjek. Iller geýnensoň menem geýinmeli ahyryn
Agasy ep-esli salym pikirlenip durdy. Ol şonda Bäşimiň iň körpeleridigini, onuň ene-atasyz, gelnejeleriniň elinde ösendigini göz öňüne getirdi. Oňa agasy kömek etmese kim kömek etsin? Birden agasynyň Bäşime rehimi indi. Ýylgyryp onuň arkasyndan sypalady.
— Geregiň pul bolsun, jigim. Geýin, Bäşim jan, geýin. Hiç kimden pes oturmagyn. Biz entek diri ahyryn.
***
Agasy diýşi ýalam etdi. Soňky bir gezek geleninde Bäşime bir müň manat pul getirip gitdi.
Pagta ýygymy tamamlanyp, ýene okuw başlandy. Indi gyşam kemsiz düşüpdi. Ýene ýazyň aladasyny häzirden etmelidigine Bäşimiň akly çatyp durdy. Ol indi ýazda geýmek üçin eşik edinmäniň kül-külüne düşdi. Ýöne ol şeýle üýtgeşik eşikleri nireden tapyp boljakdygy hakynda köp pikir etdi. Ahyrynda ol özi bilen bir kursda okaýan ýoldaşyna maslahat saldy. Ol oglana Aman diýýärdiler. Bäşimiň pikiriçe Aman uniwersitetde iň oňat geýinýän oglanlaryň biri bolmalydy. Bäşim Amana:
— Eger gaty görmeseň senden bir zat sorajak — diýdi.
— Sora.

— Sen şu eşikleriňi nireden alýaň?
— Nireden alanymda näme? — diýip, Aman gaharlanjak boldy.
— Gaharyň gelmesin, how! Meniňem şeýle eşikler alasym gelýär. Ýöne nirede satylýandygyny, kimden almalydygyny bilemok.
— Men-ä eşik satamok — diýip, Aman Bäşimiň ýanyndan turup gitmekçi boldy.
— Hany dursana — diýip, Bäşim ony saklady. — Men çynym bilen diýýän. Pulum bar-da, nireden almalydygyny bilemok.
— Menem bilemok, how.
— Onda sen egniňdäki eşikleriňi nireden aldyň?
— Nireden alsam şondan alýan. Seniň nä işiň? — diýip, Aman çalt-çalt ýöräp Bäşimiň ýanyndan gitdi.
Şol günüň ertesi welin, Amanyň özi Bäşimiň ýanyna geldi.
— Ýanyňda puluň barmy?
— Elbetde bar.
— Ýör onda, çaltrak gideli.
Bäşim Amanyň yzyna düşüp ugrady. Olar uniwersitetden çykyp, Oktýabr köçesini kesip geçdiler. Uruşda wepat bolanlaryň ýadygärligine golaý bir ýerde garaşyp duran gök maşynyň ýanyna bardylar. Maşynyň rulunyň başynda görmegeý ýigit çilim çekip otyrdy.
Aman Bäşime:

— Bar salamlaş — diýdi. Bäşim salam berdi.
— Ýeri, student ýigit, näme hyzmat? — diýip, ýylgyranynda onuň altyn dişleri ýaldyraşyp gitdi.
—Neme-laý... eşik gerek...
— O nämäniň eşigi?

— Hana, Amanyňky ýaly.
— Onuň ähli eşikleri importnyý eşikler ahyry. Hany, magazinlerde onuň ýaly eşikler barmy name?
Bäşimiň bar höwesi gaçdy. Aman oňa «ýanyňda puluň barmy» diýse, hökman eşik tapyp berer öýdüpdi.
— Aý, onda bolýa-da — diýip, Bäşim çala gürledi.
— Onsoňam jigim, o hili eşikleri öz bahasyna tapjak gümanyň barmy? Olar biçak gymmatdyr.
— Gymmat bolsa-da aljak.
— Seniň importnyý eşik geýjegiň çynyň eken — diýip, maşynly ýigit hezil edinip güldi. Birdenem:
— Näçe puluň bar? — diýip sorady.
— Bir müň — diýip, Bäşim jogap berdi.
— Saňa nämeler gerek
— Balagam, köýnegem, köwşem...
— Balagyň-a jinsiň iň oňat hilinden bolar. Iki ýüz elli manat, knopkaly köýnekler ýüz ondan welin, sen student bolansoň ýüzden getirip bererin. Çeh köwşem şol nyrhdan. Ýüz manat.
Bäşim öz ýanyndan «Juda gymmadam däl eken» diýip, pikir etdi. Maşynly ýigit Bäşimiň geýýän razmerlerini bloknotyna belläp aldy.
— Meniň adym Mele. Seniň adyň näme? — diýip sorady. Bäşim adyny aýtdy
— Ýene iki günden şu wagtlar şu ýere gel, getirip bererin.
Mele aýdyşy ýaly iki günden şol ýere geldi. Bäşimiň ähli diýen zatlaryny getirip berdi. Bäşim köp sag bol aýdyp, dört ýüz elli manat puluny sanap berdi. Mele oňa:
— Şu wagt edil seniň razmeriňde fin kostýum bar. Soň-a tapylmaz — diýdi.

Bäşim:
— Bahasy näçe? — diýip sorady.
— Iki ýüz otuz.
— Getiräý.
— Ony getirmeli däl. Ýanymda.

Bäşim onam aldy. Garaz agasyndan alan bir müň manat pulunyň hemmesini diýen ýaly geýim-eşige sarp etdi.

***

Gyş ýeňse berip, garyň eräni ýaňydy welin, eýýäm baýyrlar gök öwsüp göründi. Adamlar gyş eşiklerini çykaryp ýeňil-ýelpaý geýnip başladylar. Indi uniwersitetde biri oňat geýinýän bolsa Bäşimem biridi. Ol indi saçynam ösdürip, oňat edip bejerdipdi. Ol indi öňki Bäşime däl, düýbunden başga adama meňzeýärdi. Hany, Miwe ony indem bir oňat görmesin-dä welin!... Dogrudanam Miwe ony görüp, geň galdy. Hatda sägindem. Miwe Bäşime syn edip ýylgyrdy. Bäşimiň begenjinden demi tutuldy. Hem begendi, hem utandy. Ýöne welin Miwe soň oňa gaýdyp seretmedi. Her niçigem bolsa, Miwäniň oňa ýekeje gezek ýylgyryp bakmasy Bäşimiň ýüreginde umyt uçgunjygyny ýakyp gitdi. Bäşim şu çaka çenli Miwäniň oňa şeýdip ýylgyryp bakan gezegini görmändi.
Ýöne bu-da uzaga çekmedi. Bäşim höwes edip satyn alan eşiklerini kem-kemden ýigrenip başlady. Eşikler oňa dar gelýärdi. Ol eşiklerde Bäşim özüni düýbünden oňaýsyz ýagdaýda duýýardy. Göwnüne bolmasa tenlerine batyp, gowrup-gysyp barýan ýalydy. Iň erbedem şeýle eşikleri geýmegi ýeňillik, çylkasyzlyk hasap etdi. Ol bol-telki tikilen eşikleri geýmegi ram edinipdi. Onsoň ýene-de öňki eşiklerini geýmäge başlady. Şondan soň dogrudanam, ol özüni erkin, arkaýyn duýdy.
Şol günleriň birinde Aman Bäşime:
— Ertir Atamyradowanyň doglan günüm-aý? — diýip sorady.
— Miwäniňmi? — diýip, Bäşim ony has anyklamak isledi.
— Howa-laý, öz kursdaşymyz.

— Walla, men-ä bilmedim. Sen kimden eşitdiň?
— Bibijemal şeý diýdi.
— Bibijemal diýen bolsa dogrudyr. Bibijemal Miwe bilen bir jaýda ýaşaýar.
— Biz näme etmeli-aý? — diýip, Aman sorady.
— Çagyrmasa näme?..
— Bibijemal-a doglan gününe çagyrylýan däldir. Her kim özünden bilip barmalydyr diýdi.
Bäşim ep-esli salym sesini çykarman oturdy. Dogrusy, uly alada galdy. Ony nähili gutlajagyny göz öňüne getirip bilmedi. Ýöne hökman gutlamaly bolar diýip oýlandy.
— Ertir diýdiňmi? — diýip, Bäşim gaýtalap sorady.
— Hawa, ertir. Özem dynç güni.
— Aýdanyň üçin sag bol. Öz-ä gutlaýmal-aý...
Şondan soň Amanam, Bäşimem öz ugruna gitdiler. Bäşim welin Miwäni doglan güni bilen nähili gutlamalydygy barada köp pikir etdi. Miwäni gutlamasa bolmaz ahyry. Onuň Miwä illerden üýtgeşik sylag edesi gelýärdi. Gurbaty çatsa göwher

gaşly tylla ýüzük alyp berjekdi. Güýji ýetse dagy ýerinden süýşürip getirmäge-de taýyndy. Arman, eli ýukalyk gursun! Ol özüniň agasyndan diläp alan ählije puluna eşik alnypdy. «Bilen bolsam alynmazdym» diýip, içini gepletdi. «Ählije puluma Miwä oňat zat alyp bererdim...» Bäşim her näçe oýlansa-da, Miwä sylag ederlik zat tapmady. Diňe bir ýol bardy. Bäşim şonam etdi.
Ol irden turdy-da, çaý-çöreginem iýmän daga tarap tutdurdy. Dag eteklerini syrdy, düzleri sökdi. Dag-düzleriň gülünden iň owadanyny saýlap, bir desse gül bogdy. Şeýdibem Miwäniň ýaş toýuna eli gülli bardy.
Bu wagt Miweleriň jaýy ala-şowhundy. Kimsi tans edýärdi, kimsi aýdym aýdýardy.
Bäşime hiç kim gel diýmedi. Ol jaýa utana-utana girdi. Töre geçip bilmän gapynyň agzynda ep-esli ýaýdanyp durdy. Ol göz astyndan Miwäni gözleýärdi. Şol wagt ähli seslerden saýlanyp, Miwäniň gülküsi eşidildi. Bäşimiň ýüregi böküp gitdi. Miwe toý stolunyň başynda gyzlara gabat bolup oturansoň Bäşim ony ine-gana görübem bilmedi. Birdenem Miwe çar-tarapa nur saçyp, ýerinden turdy. Miwe şeýle bir beslenipdir welin, Bäşim agzyny açyp galdy. Bäşimiň göwnüne bolmasa Miwe başdan-aýak altyna ýugrulan ýalydy. Gara gözler bagtlylykdan ýaňa şöhle saçýardy. Gara gaşlar ýaňyja dogan Aý ýaly gyýylyp ýatyrdy. Her güleninde hünji ýaly dişler akjaryp görünýärdi. Eli altyn ýüzükli, gulagy altyn teneçirlidi. Megerem aýagyna geýen köwşem altyndan bolsa gerek? Miwe Bäşimiň bilgeşleýin içini ýakmak isleýän ýaly, Bäşim tarapa seretmän gürledi.
— Ýoldaşlar, joralar, biziň gadyrly professorymyz Gaýly Myradowiç, men siziň ýaş toýumy gutlamaga geleniňize şeýle bir şat, şeýle bir şat, dogrusy, begenjimden nätjegimem bilemok.
Miwe ýene bir zatlar aýtmakçy boldy welin, Bibijemal onuň sözüni kesdi.
— A gyz, Miwe! Sen-ä ýöne şatlygyňdan näme işläp, näme goýanyňam bileňok öýdýän. Käte gapydan gelenlere-de göz aýla ahyryn. Iller sen diýip gelýär, men diýip gelenok.
— Sözümi bölmesene, Bibijemal, Hany, kim gelipdir?
— Seret ahyryn! — diýip, Bibijemal gapa tarap elini uzatdy. Miwe:
— Wiý, Bäşim, gel-gel! — diýdi.
Bäşim gapyda gülli duran ýerinden zordan gürledi.
— Toýuň gutly bolsun! Uzak ýaşa, Miwe!
Bäşim gapyda duran ýerinden elindäki güli uzatdy. Miwe adamlaryň üstaşyry elini uzadyp, zordan güle elini ýetirdi. Bäşimiň ýüzüne-de seretmän «Sag bol!» diýdi. Güli ýanyndaky oturan gyza uzatdy-da:
— Bar, şol gülleriň arasyna goşup goýbersene! — diýdi.
— Dur! Dur! — diýip, Bibijemal ýerinden turdy-da, Bäşimiň getiren güllerini Miwäniň ýanynda duran gyzyň elinden garbap aldy. — Miwe seniň bolşuň nähili? Heýem bu gülleri ol gülleriň arasyna goşup bolarmy? Bular, çyn güller ahyryn.

Bibijemal Bäşimiň ýüzüne näzli-näzli seretdi.
— Bäşim jan, sen boljak ýok-la. Bu gülleri nireden tapyp ýörsüň? Heniz meýdanda gül çykardan ir ahyryn.
— Şu gün irden daga gitdim. Uzyn günläp bar tapanym şular boldy.
Bibijemal eli gülli dik duran ýerinden gürledi.
— Ine, meniň dünýäde iň gowy görýän güllerim. Seretseňizläň! Heý, şu güllere taý geljek güller barmy? Seret? Bu çigildem güllerine! Her haýsysy bir owadan gyzy ýatladyp dur. Men şu gülleri görenimde ata-babam ýadyma düşýär. Olaryň der saçyp işlän ýerleri, at münüp söken meýdanlary göz öňüme gelýär. Dogry, biziň ýazymyzyň ömri gysga bolýar. Ýöne şeýle owadan, şeýle datly gülleri welin, ýeriň ýüzünden tapmarsyňyz. Eger bilen bolsam, Bäşim jan, menem seniň bilen giderdim. Menem dag deräni, sähralary söküp, saňa gül çöpleşerdim. Arman, maňa aýtman gidipsiň. Bu sylagyň bahasyna ýetme ýokdur, Miwe jan!
— Dogry aýdýaň, Bibijemal. Biziň topragymyzda bitýän güllere taý geljek gülleri tapaýmak kyndyr — diýip, Gaýly Myradowiçem Bibijemalyň sözüni tassyklady.
— Biziň pagtamyzam şeýle-dä, näme, eýsem biziň ýüpek pagtamyza taý geljek pagta barmy? — diýip oturan gyzlardan biri söze goşuldy.
— Biziň halymyzam, atymyzam şeýle-dä.
— Goýnumyzam, düýämizem...
— Itimizem diýsene!
— Wah, siz ony aýdýarsyňyz, biziň gyzlarymy taý geljek gyzlaram ýok-da — diýip, Bibijemal gülüp elini uzadyp, Miwäni görkezdi. Gaýly Myradowiç şol bada suňşuryp goýberdi. Gapyda duran Bäşimi görkezdi-de:
— Biziň ýigitlerimize taý geljek ýigitlerem ýok-da — diýdi. Oturanlaryň bary gulşüp, hezil edinip el çarpyşdylar. Bir Miwe gülmedi. Näme üçindir, birhili keýpi bolmady. Utanjyndanam bolsa ahmal, ýuzi gyzardy. Çala agzyny gymyldadyp:
— Wiý, ýogsa-da, Bäşim, stoluň başyna geç — diýdi. Bäşim bolsa eýýäm gapydan çykyp barýardy.

**

Şol günden geçse iki gün geçendir-dä, Bäşim bilen Aman uniwersitetiň öňünde güneşläp, gürleşip otyrdylar. Olaryň ikisem ýaşytdaş, biri-birine çalymdaş bolansoňlar olara dogan diýseňem ynanjakdylar. Bu wagt olaryň ähli gürrüňleri okuw hakynda, ekzamenlere taýýarlyk görmek hakyndady.
— Men seni zor görýän, how! Leksiýa wagtynda konspekt ýazmaga neneň ýetişýäň? Men-ä köp zadyna ýetişmän galaýýan.
Bäşim hezil edinip güldi.
— Mydama konspektiňi menden göçürip ýöreniň şonuň üçin eken-ow? Elbetde, konspekt gerek, hökman gerek. Konspektiňe bir göz gezdirseň bar zat ýadyňa düşüp dur. Ýöne esasy zat leksiýa wagtynda bar ünsüňi berip diňlemekmikä

diýýän. Leksiýany gowy diňläp, gowy düşünip bilseň, konspekti soň ýazsaňam bolýar.
— Seniň şonyň biçeme däl. Sen dogry aýdýaň, Bäşim. Dogrudanam men şeýdeýin-le. Leksiýany gowy diňläp, soň konspekt ýazaýyn. Ýogsam: «ýelekliň iki aşdan galyşy ýaly», ne oňat leksiýa diňläp bilýän, ne-de gowy konspekt ýazyp bilýän. Dogrymy aýtsam, öňümizdäki ekzamenden gorkmanam duramok. Bileje taýýarlanaýsag-a sen maňa bilmeýän zatlarymy öwrederdiň. Näme diýsene, Bäşim, asla, ähli ekzamenlere-de bileje taýýarlanaly, bolýarmy?
— Janyň sag bolsun! Elimden gelen kömeg-ä gaýgyrmaryn.
— Sag bol, Bäşim jan. Dogrusyny aýtsam, ýoldaşlarymyň içinde senden gowy görýänim ýok.
— Ýeri, ýeri! Goltugyma garpyz gysdyrmasana.
— Çynymy aýdýan, how! Dogrudanam sen gowy oglan. Sen birhili beýleki oglanlara meňzäňok.
— Bäh! O näme üçin? Näme üçin meňzämok? — diýip, Bäşim haýran galdy.
— Neme-dä. Sen birhili ýuwaş. Ýok, ýok, ýuwaşam däl. Men saňa näme diýsemkäm?.. Gepiň tümmek ýeri, tüýs türkmen adamy. Salyhatly. Mahlasy, mydama bir bolşuňy alyp baryp bilýäňdä-raý. Mysal üçin, meniň on müň manat pulum bolan bolsa, baryny saňa ynanardym. Seniň şonun ýekeje köpüjeginem ellemejegiňi bilip durun. Bir näçesi bar, how, edil aldajy gurt ýaly, alyp-ýolup barýarlar. Gürleşeniňde içiňe-bagryňa giräýjek bolýarlar. Ýüregine seredip görseň welin beýle däl. Aldabilse aldajak, ýonup bilse ýonjak. Garaz gynanan ýeriňde gynanyp, begenen ýeriňde begenjek adamlar däldär-aý
— Göwnüňedir. Hemmesi beýle däldir.
— Wiý, ýogsa näme? Menem hemmesi şeýle diýemok! Hany, sen şeýle däl-ä. Mydama bir bolşuň. Asyl üýtgäýin diýeňog-a. Mugallymy görseňem bir bolşuň, studenti görsenem bir bolşuň. Ýöne seniň bir aladajygyň-a bar. Özüň aýtmadyksyran bolsaňam gözüň aýdyp dur.
— Nätdiň-aý, Aman? Näme aladam bolsun?
— Wah, bilsem bolaýmajakmy?
— Ony nämeden diýdiň?
— Eýleki oglanlar ýaly pason ataýyn ýa-da gyzlara görünjek bolaýyn diýeňok. Kän bir gülüp-bälçiräbem ýöreňok. Onsoňam saňa düşünemok. Iller-ä ekzamenlerden gorkuşyp, titir-de, titir. Şol ýaplanşyp okap ýatyrlar. Seň bolsa azaryňa-da däl. Gaýtam, tumboçkaň üsti her hili žurnallardan doly. Ýeri, şol žurnallaryň okuwa näme kömegi bardyr öýdýäň
— Men şol žurnallary seniň ähli okuwyňdan gowy görýän.
— Ol näme üçin?
— Men saňa dogrusyny aýdaýynmy?
— Wah, aýtsana!

— Meniň taryhçam bolasym gelenok, ykdysatçam bolasym gelenok. Meniň mugallymam, dilçem bolasym gelenok.
— Wiý, onda näme boljak?
— Hiç zadam boljak däl. Kakam ýaly traktor sürjek.
— Traktorçy bolmak üçnn ýokary bilim nämä gerek? Üç-dört aý okasaň traktorçy bolarsyň-da näme?
— Üç-dört aý okanyň bilen hiç zadam bilmersiň. Meniň şol žurnallarymy bir okap gör. Onuň kyn zatdygyny şonda bilersiň. Ýöne üstüne münüp, otlap sürübermek elbetde aňsat. Ine saňa bir traktoryň ähli goşlary. Şondan gül ýaly, tarlap duran traktor ýasap ber diýseler şonda bilersiň. Näme, şu gomparyp «Wolga», «Jiguli» münüp ýörenleriň maşyn ugrundan bilýän zatlary bardyr öýdýärmiň? Ýekeje zadam bilýän däldirler. Sür, kä mahalam tigrini, ýagyny çalşyr diýseň bar bilýänleri şodur. Her maşynyň million tilsimi, million öwrümi bar. Onuň ýekeje detalyny ýasamak üçin bir topar çyzgy çyzmaly. Bir topar sehden, bir topar stanokdan geçmeli. Tehnika diýen zat kyn zatdyr, dogan. Onuň aňyrsyna ýetip bilmersiň. Bu gün bir zady bildim diýseň, ertesi täze zat oýlap tapýarlar. Bu wagt gardaş, tehnika şeýle bir ösdi, onuň yzyndan sesiň çaltlygy bilenem ýetip bolanok. Men ine, şol zatlary bilesim gelýär.
— A beýle bolsa, uniwersitetde nä körüň bar? Oba hojalyk institutyna girseň bolmaýarmy?
— Institutyň gaçyp barýan ýeri ýok-la. Ölmän sag-aman gezip ýörsek oňa-da giräýmegim mümkin. Meniň häzir gaýrak, meýdana gezmäge gidesim gelýär. Meýdana çyksam, işläp ýören adamlary görsem, kakam ýadyma düşýär. Kiçijikkäm kakam meni işe öz ýany bilen alyp giderdi. Körpesi bolanym üçin, ala-böle meni oňat görerdi. Menem onuň traktoryndan düşmezdim. Ol maňa «Sürlen ýeriň ysyny alýarmyň» diýip sorardy. Menem «hawa» diýerdim. «Bilseň, ýeriň ysyna taý geljek ys bolmaz, oglum» diýerdi. Pahyr, dogry aýdýar eken. Mydama şol ysy küýsäp ýörün. Ýer, toprak mydama meni öz ýanyna çagyryp dur. Bu şäher, bu jaýlar, uniwersitet maňa dar görünýär.
Birden Bäşimiň gözi Miwä düşdi. Bäşimiň ýüregi böküp gitdi. Miwe olaryň edil gapdaljygyndan geçip gitdi. Miwe bulary görmedi ýa-da görmediksirän boldy.
— Heý, seret, Miwe geçip barýar — diýip, Amap Bäşimiň böwrüne kakdy.
— Görýän how, görýän.
— Biçak owadan-aý! Baý, özem geýinýär-aý! Uniwersitetde şondan owadan gyz ýok öýdýän.
— Bilemok — diýip, Bäşim gürrüňi başga ýana sowjak boldy. Emma indi Amany gyzlar temasyndan başga ýere sowaýmak aňsat däldi.
— Hany, ony seniň obadaşyň diýýärler-le. Çynmy şol?
— Çyn.

— Enesi-atasy nirede işleýän adam-aý? Gaty gurply bolaýmasaň-a beýle oňat geýinäýmek aňsat däldir.
— Ejesi bar, kakasy ýok. Kakasy bäş-on ýyllykda ýarasyndan öldi.
— O nämäň ýarasy?
— Uruş bolar-da, dagy näme bolsun?
— Bä... — diýip, Aman kellesini ýaýkady. — Şeý diýsene? Onda-da şol-a kakasy ölene meňzänok, gülküsi dag aşýar. Asla, men şu gyzlara düşünip bilemok.
— Nämesine düşüneňok?
— Şular näme üçin owadan boljak bolşup ölşüp ýatyrlar-aý? Her kimiň öz ýasalyşy bolar-da, owadan bolaýyn diýeniň bilen owadan bolup bolaýýarmy näme? Oňat eşik geýenleri bilen owadan bolaýandyrys öýdýärler. Onsoň olara gymmatdan gymmat eşik gerek. Eşik janyny almyşlaryň halys eşik janlaryny alypdyr. Ýa-da gymmat eşik geýseler özleriniňem gymmaty artaýar öýdýärlermikä? Adamyny adam edýän zadyň esik däldigine düşünmeýärlermikä? Kelläňde akyl bolmasa, owadanlykdan, eşikden näme peýda bolsun diýsene! Şonda-da olar owadan boljak bolup ölşüp ýatyrlar.
— Sen baryp ýatan görip, Aman.
— O näme üçin?
— Aýal-gyzlar oňat geýinseler, oňa ýetesi name bar. Dünýäde aýal-gyzlar bolmasa, bu dünýä kime gerek? Görýän welin, sen entek ýekeje gyzam çyn ýürekden söýüp görmänsiň. Eger birini söýen bolsaň düýbünden başgaça gürlärdiň. Bu dünýäniň ähli hezilligi söýüşmekde ahyryn. Owadan geýinýär diýip sen gyzlary geň görýäň. Ynha, sen erkek kişem-dä. Hany, birini söýüp gör, şoňa oňat görünjek bolup, onuň öňünde maýmynlar bolardyň. Aýnanyň öňüne baryp, günde özüňe on gezek timar bererdiň. Söýgüliň ýüz bermedik güni ýüzin düşüp aglardyň. Olar owadan, olar şeýle mähriban, şeýle eziz bolansoň her kim olara tagzym edýär, her kimiň şolara ýetip bilse armany ýok. Aman jan, olaryň öňünde baş egmedik gerçek entäk bu dünýä inen däldir. Owadanlygyň öňunde hanlar-begler baş egipdir. Owadanlygyň öňünde bütin dünýä baş egýär.
— Bezensinler, geýinsinler, men oňa garşy däl. Ýöne her zadyň çaky bar ahyryn. Gereginden artykmaç geýinmek nämä gerek? Olar indi köýnegi zerden tikinýärler, how! Gyzyl dakynmagy kemlik bilip, gulak halkalaryny, ýüzüklerini göwhere öwrüpdirler. Bir wagt goňşymyzyň Anna diýen bir gyzy bardy. Dogrusy o wagtlar menem kiçijikdim, olam kiçijikdi. Ol birinin ýeke gyzydy. Onsoň ony gurjak ýaly geýindirerdiler. Gurjak ýaly geýindirerdiler diýsem, köýnegi zerdendir, ýüzügi göwherdendir öýtme. Egninde gyzylja setin köýnegi bolardy. Aýagynda-da akja köwşi bolardy. Mydama-da goly çermelgidi. Maňa galsa şol gyzy şu gyzlaryň müňüsine-de çalyşjak däl. Mana şeýle sypaýy, ýönekeý, mydama goly çermelgi, işjeň gyz gerek. Olar ýaly gyz bolsa, derrew öwrenişse-de bolar, düşünişse-de bolar. Hany, şu gyzlaryň bir golaýyna bar-da. Baý-bow! Olar

özlerini elýetmez şahadyryn öýdýärler. Ellerinden welin gelýän iş ýok. Olaryň iýjek naharlarynam başga biri bişirip bermeli. Ine, onsoň şeýle gyzlar kime gül eker öýdýäň? Gyz diýeniň sada, göwni açyk bolsa ýagşy. Sadalyk bilen owadanlyk süýtdeş doganmyka diýýän. Sadalygy owadanlykdan aýran ýeriňde owadanlyk hiç zat bolup galýar. Diýmek ähli owadanlyk ýürekde, adamkärçilikde. Meniň şol Aýna diýýän gyzymam sadady. Juda göwni açykdy. Şonuň üçinem ol şeýle mährnban, şeýle ýakyn görünýärdi. Gel biz uzaga gidip oturmaly. Ine, Miwäni al-da göräý. Özüni han däldirin öýdenok. Ol sadalygy, göwni açyklygy samsyklyk diýip hasap edýär. Ol gardaş, biziň ýalyny adamdyram öýdenok. Onuň göwni baryp-ha, Kap dagynda gezip ýör. Ol şeýle owadan, şeýle oňat geýinýärem-dä. Men-ä şony ýekeje köpüge-de almazdym.
— Ol näme üçin? — diýip, Bäşim geň galyp sorady.
— Ol Mele bilen gezýär.
— Näme?!.! — diýip, Bäşim ýerinden turanyny duýman galdy.
— Haýsy Mele?
— Bize egin-eşik satýan, maşynly Meläni tanaňokmaý?
Bäşim Amanyň ýakasyndan tutup, ör turuzdy.
— Sen agzyňdan çykýan zady bilýärmiň? Heýem Miwe beýle zat edermi? Heýem o-da gezermi? Sen ýalan sözleýäň. Men onuň bilen on ýyl bileje okadym. Men oňa belet.
— Ýakamy goýber, how. Senden gorkýan adam ýok. Nädýänem bolsaň şol-a gezýär.
Bäşim bu gezek jogabam tapyp bilmedi. Gaýtam ysgyndan gaçdy. Onsoň ýalbarýan görnüşde naýynjar gürledi.
— Sen ýalňyşýan bolaýma?
— Duz kessin, how, hut öz gözüm bilen gördüm.
— Hany aýt, nirede gördüň?
— Seniň ondan eşik satyn alanja ýeriňde gördüm.
— Ýeri, görüpsiňem-dä, onsoň Mele bilen gezdigi bolýarmy?
— Mele oňa ýöne ýerden pulsuz ýaglyk, pulsuz aýakgap bermez.
— Ol nämäň ýaglygy? Ol nämäň aýakgaby?
— O şeýle boldy, how! — diýip, Aman ähli bilýän zadyny gürrüň bermäge başlady. — Men Melä birinji parkda tötänden duş geldim. Meniň kinodan çykyp durşumdy. Ol başda üç oglan bolup gezip ýördi. Meniň ýanyma welin onuň ýeke özi geldi. Ol maňa «Näme işläp ýörsüň?» diýdi. «Sagat ýedidäki kinodan çykdym» diýdim. Onýança bir gyz «Waý, ýaglygymy alyp gaçdy, meýdi yranan!» diýip gygyrdy. Görsem Miwe eken. Kellesini eli bilen tutup, näderini bilmän milletiň arasynda iki ýana elewräp ýör. Ömründe kellesini ýalaňaçlap köçä çykmadyk gyz bolansoň, utanjyndan öläýjek bolýardy. Ol meni görüp: «Waý, masgara boldum, Aman jan!» diýdi. Men ondan kimiň alyp gaçandygyny

soradym. «Tanamasam näme? Iki sany ýerçeken» diýip, jogap berdi. «Suw içjek bolup eglenäýdim-dä. Ýogsam joralarym bilen eýýäm kinonyň içine girerdim-le» diýdi. Şol gün oňat hindi kinosy görkezilýärdi. Miwe «Knnosam gursun, beýlekisem. Men-ä gaýtjak» diýip, öýe-de hyýallandy. Edil şol mahalam bir ýerden Mele peýda boldy. Biçak owadan ýaglyk çykardy-da Miwä uzatdy. Miwe aňk-taňk boldy. «Bu ýaglyk meniňki däl» diýdi. Mele «Beýdip iliň ortarasynda kelleýalaňaç gezip ýörüp bolmaz-a. Sen bir asylly maşgala meňzeýäň. Me, daňyn. Ýogsam aýyp bolar» diýdi. Onsoň maňa garap «Aman, ertir öňki duşýan ýerimize geliň, şonda gürleşeris» diýdi.

— Ýeri, onsoň? Ertesi bardyňmy? Miwe-de bardymy?

— Wiý, elbetde. Ilki men bardym. Soň Miwe geldi. Miwe oňa «Düýnki eden ýagşylygyňyz üçin köp boluň. Ine, ýaglygyňyz. Isleseňizem puluny alyň — diýdi.

— Dogry aýdypdyr. Bu ýerde Miwäniň näme günäsi bar?

— Dursana, yzyny diňlesene, how! — diýip Aman gürrüňini dowam etdi. — Mele ýaglygam almady, pulam. Gaýtam, maşynda oturan ýerinden Miwä lowurdap duran, owadanja köwüş uzatdy. «Geýip görüň, aýagyňyza bolmazmyka?» diýdi.

— Miwe geýdimi? — diýip, Bäşim durup bilmän sorady.

— Wah, içimi ýakmasana! Heýem geýmezmi? Biçak gowy köwüş, how. Şonda gardaş, Miwäniň aýagyna syn etdim. Dogrudanam, onuň şol eýjejik aýajyklaryna şondan başga köwüş gelişjegem däl. Tüýs «Kepderi topuk» diýilýäni-dä. Onuň aýagynyň aklygyndan gözüm gamaşyp gitdi. Şol wagtlar aňk bolup, agzymdan hyllygym akyp duran bolsa-da ahmal.

— Ýeri, bes etsene! Ol köwşi aldymy ýa-da almadymy, şony aýt.

— Heý, onuň ýaly owadan köwşi görer-de almazmy? Ýyrş-ýyrş etdi. Näz edip Melä seretdi. «Edil şapylaşyp dur» diýdi. «Beýle bolsa, nesip etsin. Toýuňda geý! Men ertir ýene gelerin» diýdi-de, Mele maşynyny sürüp ötägitdi.

— Bar şol köwşi alanam eken-dä! Näme, birinden bir zat satyn alsaň onuň bilen gezdigiň bolmaz ahyry. Gezmek diýen zadyň nämedigini sen bilýärmiň?

— Sen, how, bir zada düşün! Men onuň zat satyn alanyna-da garşy däl, onuň bilen gezeni bilenem işim ýo. Ýöne men Meläni gowy tanaýan. Ol baryp ýagan žulik, barypýatan spekulýant. Men Miwä dözemok. Miwe bir üzümiň suwy ýaly owadan, sada, heniz durmuşa çykmadyk gyz ahyryn. Mele bolsa bir wagt «kör düýesi köpriden geçen» adam. Onuň iki ýaşly gyzy bar. Ho-ol dag etegindäki obada ýaşaýarlar. Menem şol obadan. Ol Miwäni hökman bir zadyň üstünden elter. Onuň şu wagtdan öňüni alaýmasaň soň giç bolar. Men muny Miwä dözmänim üçin, seni oňat görenim üçin aýdýan. Sen onuň obadaşy ahyryn. Eýýäm ol Mele bilen kino gidip ýör.

— Sen, how, bir zada düşün! Men onuň zat satyn alanyna-da garşy däl, onuň bilen gezeni bilenem işim ýok. Ýöne men Meläni gowy tanaýan. Ol baryp ýagan

žulik, barypýatan spekulýant. Men Miwä dözemok. Miwe bir üzümiň suwy ýaly owadan, sada, heniz durmuşa çykmadyk gyz ahyryn. Mele bolsa bir wagt «kör düýesi köpriden geçen» adam. Onuň iki ýaşly gyzy bar. Ho-ol dag etegindäki obada ýaşaýarlar. Menem şol obadan. Ol Miwäni hökman bir zadyň üstünden elter. Onuň şu wagtdan öňüni alaýmasaň soň giç bolar. Men muny Miwä dözmänim üçin, seni oňat görenim üçin aýdýan. Sen onuň obadaşy ahyryn. Eýýäm ol Mele bilen kino gidip ýör.

***

Bäşimiň gulaklary şaňlap, gözi garaňkyrap gitdi. Ol zordan özüni ýatakhana atdy-da, egin-eşiginem aýyrman, özüni krowadyň üstüne taşlady

Bäşim şol ýatyşyna garaňkyny düşürdi. Iýmedem-içmedem-de, howul alyp daş çykdy. Çyralar bireýýäm ýanypdy. Ýazyň şeýle gözel, şeýle hoştap howasynda şäheriň ähli ilaty gezelenje çykan ýalydy. Gyz-oglan, garry-ýaş, bary köçededi. Alleýalarda, gezelenç baglarynda oturmaga boş ýer tapaýmak aňsat däldi. Bäşimiň göwnüne onuň öňünden Miwe bilen Mele gol tutuşyp çykaýjak ýalydy. Bile ýöräp barýan ýaş ýigit bilen ýaş gyz görse ony Miwe bilen Meledir öýtdi. Han-ha, onuň öňünden Miwä meňzeş bir gyz bir ýigit bilen gol tutuşyp diýen ýaly gidip barýar. Bäşim olary tanajak bolup, çalt-çalt ýöräp yzlaryndan ýetdi. Birdenem doňup galdy! Miwe ýaly-la!.. Aý, ýog-a, bolup bilmez. Ýok, ýok, şol! Edil özi-dä. Ýanyndakam Mele...

Ine, indi bar zat aýdyň boldy. Amanyň ähli aýdanlary çyn bolup çykdy. Onuň «Miwe Mele bilen gezýär» diýeni dogry eken. Bäşimiň aýaklary ädilmejek boldy. Lüt pýan adam ýaly iki ýana yranyp, yranyp gitdi. Olar bolsa, han-ha bileje ýöreşip gidip barýardylar. Ana, köçeden çepe öwrüldiler. Şu ýerde welin Bäşim durup bilmedi. Ýüregi ýarylan ýaly bolup olaryň yzyndan ylgady. Olaryň öwrülen ýerinden çepe öwrüldi. Olar bolsa şol baryşlaryna gidip barýardylar. Mele oňa iki ellerini hereketlendirip, nämedir bir zatlary gürrüň berýärdi. Miwe ýüzüni aşak salyp barşyna, käte-käte-de ýüzüni göge tutup, şeýle bir gülýärdi welin, hoşuňa gelsin!.. Miwe muny hut Bäşimiň içini ýakmak üçin edýän ýalydy. Şeýle gaty gülmäge utanmaýarmyka? Ol beýle hezil edinip güler ýaly Mele oňa näme gürrüň edip berýärkä? Bäşimiň içi ot alyp, näderini bilenokdy. Bäşim neneň ýanmasyn, neneň içi-bagry ot almasyn? Ol indi, gör, näçe ýyldyr Miwe diýip däli-porhandy. Miwe üçin bar zatdan geçipdi. Ol Miwe üçin hut, ölmäge-de taýyndy. Bu bolýan zatlara seret! Mele welin eýýäm onuň bilen jübüt bolşup, bileje gezelenç edip ýördi. Miwäniň bolsa gülküsi dag aşýardy. Ana, olar ýene sowuldylar. Bäşim olaryň sowulan ýerinden sowulyp bilmedi. Eger sowulaýsa olar Bäşimi görjekdiler. Eýýäm olar bir oturgyçda garaňka duwlanyp otyrdylar.

Olar kän oturdylar. Bir sagat, ýarym sagat, iki sagat oturdylar. Bäşimem irginsizlik bilen olara tomaşa edýärdi. Hernä sag-aman turdular. Bärligine ýöräp ugradylar. Bäşim gaýra çekildi. Ullakan agajyň aňyrsyna duwlandy. Olar Bäşimiň sypdyrman

synlap durandygyňy aňlan ýaly, çalaja gürleýärdiler. Miwe-de indi hezil edinip gülmesini goýupdy.
Olar uly köçä düşdüler. Soň köçäniň uniwersitet tarapyna geçdiler. Olar ýene durdular. Ýene ep-esli gürleşdiler. Ahyryn aýrylyşdylar.
Mele bilen Miwäniň biri-biri bilen hoşlaşyp, aýrylyşanam şoldy welin, «Binamys!» diýip, biri Bäşimiň ýeňsesinden itekläp goýberen ýaly boldy. Bäşim atylyp, Meläniň yzyndan ýetdi.
— Eý, ýigit, hany aýak çek! — diýip, Meläniň golundan tutdy. Mele oslagsyz ýerden golundan tutulanyna allaniçiksi boldy. Tanajak bolup, Bäşimiň ýüzüne seretdi.
— Bo-how! Asyl, bu senmidiň? Ýüregimi ýardyň-aý! Men-ä seni kimsiň öýdüpdim.
— Hawa, men Bäşim. Senden eşik satyn alan oglan.
— Wah, derrew tanadym-la. Ýeri, sag-gurgun okap ýörmüň? Bu wagt nireden gelýäň?
— Aý, menem seň ýaly gezip ýörün.
— Gezseň gowy edýäň. Näme hyzmat?
— Meniň saňa hiç hili hyzmatym ýok.
— Bolýar-da onda. Hoş sag bol.
— Dur! Dur! — diýdi-de, Bäşim onuň ýoluny saklady.
— Näme?!
— Ýaňky gyz bilen işiň bolmasyn.
— O näme diýdigiň? Haýsy gyz bilen?
— Mönsürän bolmasana. Bilmän aňyrsyna-da geçýänsiň.
— Düşnükliräk aýt-la how, ýüregime düşüp durma-da.
Bu wagt Bäşimiň gahary ýetjek derejesine ýetipdi.
— Düşnükliräk aýtsam, ýene-de bir gezek Miwe bilen bir ýerde göräýsem, menden oňlulyk tamasyny etme.
— Be-he! Be-he! — diýip, Mele Bäşimiň alkymyna dykyldy. — O-how, sen janyňdan irip ýören bolaýma. Sen maňa haýbat ataň bolýaň-la. Men seni bilýärmiň, näderin?
— Hiç zadam etmersiň!
Mele bir eli bilen Bäşimiň eňeginden birki gezek galdyryp goýberdi.
— Sen entek meniň ýanymda çagajyksyň. Birden ýöne agzyňy-burnuňy gan ýalan ganjyga dönderäýmäýin.
— Senden gorkýan adam ýok.
Mele bu «erni suwluja» oglanyň nä sebäbe özüne haýbat atýandygyna, onuň gorkman şeýle batyrgaý gürleşip bilýändigine geň galdy. Onsoň onuň emmasyny bilmek isledi.
— Sen näme üçin Miwäni menden gabanýaň?

— Ol meniň obadaşym.
— Obadaşyň bolanynda näme?
— Seniň aýalyň bar, çagaň bar.
Meläniň üstünden gyzgyn suw guýlan ýaly boldy.
— Ony saňa kim aýtdy? — diýip sorady.
— Kim aýdany bilen nä işiň?
— Sen ýalan sözleýäň.
— Baryp ýatan ýalançam, kezzabam senden öňe geçmez.
Mele biraz salym ýüzüni aşak salyp, böwrüni diňläp durdy. «Bujagaz oglanyň ähli planymy bozaýmagy mümkin. Gowusy munuň ýumşak damaryny tapjak bolaýyn» diýen netijä geldi
— Sen maňa diýjek sözüňi bilip diý, how. Men seniň çak edişiň ýaly adam däl. Men ogram däl, kezzabam däl. Men edibilsem ile ýagşylyk etjek bolýan. Seniň özüň gördüň-ä sen maňa eşik, aýakgap tapyp ber diýeniňde ýumşuňy bitirdim-ä. Men Miwä gezek geleninde şeýle. Men oňa etsem ýagşylyk ederin, ýamanlyk etmerin. Ýöne kimem bolsa biri seni mazalyja aldapdyr. Ýöne sen Miwäni menden biçak gabanýaň welin, sen ony söýýän bolaýma?
— Bildiň. Söýýän.
— Olam seni söýýärmi?
— Ýok. Ol meni söýenok.
— Aý, şeý diýsene? Boldy, boldy. Bary düşnükli boldy. «Peýdasyz perişdeden aşna döw ýagşy» diýipdirler. Söýmese etjek alajyň bolmaz, jigim. Gowusy sen maňa gahar edip ýörme-de, gaýtam maňa kömek et. «Arkaly köpek gurt alar» diýipdirler.
— O nähili kömek?
— Sen meni Miwäniň ýanynda öw. Onuň ýanynda Meläniň aýaly barmyş, çagasy barmyş diýip diliňi ýaraýma. Şeýtseň meniňem saňa kömegim ýeter. Sen bir student ýigitsiň. Dünýäde başga gyz gytmy näme?
— Ýok, men öläýsemem Miweden el üzmen. Ol-a bir, ikinjidenem, ölýänem bolsam seni onuň bilen gezdirtmen.
Meläniň ony süýji dil bilen aldap bolmajagyna gözi ýetdi. Mele Bäşimi güýç bilen boýun egdirmek isledi.
— Sen onda meniň diýenimi etjek däl-dä, şeýlemi?
— Hiç haçan.
Mele Bäşimiň ýakasyndan tutdy. Bäşimem onuň ýakasyndan tutdy. Onýança iki sany oglan gelip, her haýsy Bäşimiň bir elinden tutdy. Olar:
— Nätmeli? — diýip, Meläniň buýrugyna garaşdylar. Mele azajyk pikirlenen ýaly etdi-de:
— Ýeri, bolýar-da. Bu gezek bagyşlalyň. Ol entäk ýaş bolýar. Birneme ganygyzgynlyk etdi. Zeleli ýok. Gahary ýatyşansoň öz ýalňyşyna özi düşüner.

Bujagazyň biziň elimizden sypyp, gitjek ýeri nire? Oňa haçan temmi bersegem bolar.
Mele Bäşime garap şeýle diýdi:
—Bar, seni bu gezeklikçe azat edýän. Ýöne bilip goý, meniň aýalymyň bardygy hakynda Miwäniň ýanynda ýa-da başga biriniň ýanynda dil ýaraýsaň, janyňdan umydyňy üzdügiň biläý. Ýekeje günem diri gezdirmerin.
Bäşim ýüzüni sallap ýatakhana gaýtdy. Ol özüni hiç zadyň alnyndan däl hasap etdi. Bäşim Meläni gorkuzmakçydy, gaýtam onuň özüni gorkuzyp goýberdiler. «Ýeri meniň bu masgara bolup gaýdanymy Miwe eşidäýse nähili bolar? Ol meniň ýaly gorkagy başyna ýapsynmy?» diýip, içini gepletdi. Ol muňa şeýle bir namys etdi welin, gahar-gazapdan ýaňa ýarylaýjak bolýardy. Onuň häziriň özünde Mele dagyň yzyndan ýetesi geldi. Olar bilen tä bellisini edýänçä gyzyl ýumruga girişesi geldi. Heý, akly çaşan Bäşim! Olary gijäniň içinde nireden tapjak diýsene? Bir adamynyň üçüň garşysyna edip biljek zady näme diýsene!..
Bäşim Miwä oturyp-oturyp geň galýardy. «Heý, şeýle-de kellesizlik bolarmy? Heý, şeýle-de özüňi aldatdyrmak bolarmy?» diýýärdi. Miwäniň dostuny duşman saýyp, duşmanyny dost saýyşyna geň galyp, aňyrsyna çykyp bilenokdy. «Men oňa ýol bermen! Men oňa ýol bermen!» diýýärdi. Bäşim näçe «näme bolsa şol bolsuna» urjak bolsa-da bolmaýardy. Miweden umydyny üzüp bilmeýärdi. Ýöne welin indi onuň Miwä bolan garaýşy üýtgäpdi. Onda Miwä bolan söýgüsine ynamsyzlyk döredi. Bu oňa hemme zatdan agyr düşdi. Ol pikir Bäşimi uzyn gijeläp horlady. Bu näme beýle bolýarka? Näme üçin Miwe Bäşimi ýigrenýärkä? Miwe şu geçen ýyllaryň içinde Bäşimiň göwni üçin ýekeje dagam hoş söz bermedi. Ynha indi ençeme wagtlar geçdi. Bäşimiň hatyna-da ýagşydan-ýamandan jogap gaýtarmady. Bäşim ýoldaşlaryndan ogrynça telim sapar aýnanyň öňüne baryp, özüni synlap gördi. Emma özünden hili kem, hiç hili aýyp tapmady. Indi Miwe şeýdip Bäşimiň ömür-boýy ýüreginde zäk goýaýarmy? Bäşim Miwesiz geçjek günlerini göz öňüne getirip bilenokdy. Miwäni başga biriniň gujagynda görse Bäşim näme işlär?
Bäşim Miwäni Mele bilen ikinji gezegem gördi. Olar bu gezek tirkeşip kino girdiler. Bäşim bu gezegem içini tutup galdy.
Indi Bäşime öňki Bäşim diýseň ynanar ýaly däldi. Hiç kim bilen gürleşmeýärdi. Hiç kim bilen tirkeşmeýärdi. Gün-günden horlanyp, gün-günden eräp-akyp barýardy. Biçak yzgytsyzlanypdy. Sähel zada gahary gelýärdi. Biri bir zat sorasa azgyrylyp, ýüzüni alyp goýberýärdi. Bäşim öz syryny näçe ýaşyrsa-da, ýoldaşlary onuň gün-günden horlanýandygyny, onuň düýbünden öňküliginiň ýokdugyny aňlap durdular. Olar ondan:
— Saňa näme bolýar? Ýa-da ýaraňokmy? — diýip sorardylar. Bäşim näme diýsin?
— Göwnüňizedir. Maňa hiç zadam bolanok — diýip jogap berýärdi. Bäşim bu zatlary ýüregine sygdyryp bilmän, ahyryn Miwäniň ýanyna bardy.

— Sen Mele bilen tirkeşmäňi bes et. Ol seniň taýyň däl — diýdi. Onuň bu sözüne Miwäniň gahary geldi. Bäşimiň ýüzune-de seretmän jogap berdi.
— Meniň kim bilen tirkeşip, kim bilen tirkeşmänim saňa galypmy?
— Ol žulik, baryp ýatan ýalançy.
— Näme diýsene, Bäşim han. Men senden akyl soramok. Öz akylym özüme ýetik. Sen meni yzarlap ýörmäňi bes et. Öz deňiňi gözle. Müň gylymdan bir gylymam saňa ýetmez, şony bilip goý.
Bäşim ýüzüne urlan ýaly bolup, onuň ýanyndan gaýtdy. Miwäniň özüni şeýle kemsidendigine ýanyp, bir ölüp bilmedi.

***

Şol günleriň birinde Bäşim ýoldaşlary bilen gezelençden gaýdyp gelýärkä, bir wagtky özüniň eşik satyn alan ýerinde Meläniň maşynynyň durandygyny gördi. Bäşim öz ýanyndan «ol ýönelige duran däldir» diýen netijä geldi. Suw içjek bahanasy bilen ýoldaşlaryndan yza galdy. Garaňka duwlanyp, ep-esli wagt şol tarapa seredip durdy. Birden onuň gulagyna Miwäniň gülkisi eşidildi. Ana-da onuň özi göründi. Ine, saňa gerek bolsa!.. Bäşimiň gahardan ýaňa ýüzi lap-lap ýanyp başlady. Miwäniň ähli hereketleri sag adama däl-de, meý içip, mes bolan adama meňzeýärdi. Mele onuň golundan tutup gelýärdi. Miwe yzyny üzmän gülýärdi. Arasynda aýdymam aýdýardy. Bäşim Miwäniň şeýle perişan halyny birinji gezek görýärdi. Onuň bu bolup gelşinden Bäşimiň özi utandy. Özüniň eziz görýän, iň mähriban gyzynyň şeýle ýagdaýa düşendigine namys edip, içiniň ýangynyna bir ölüp bilenokdy. Miwe şeýle ýagdaýda maşyna münäýse soňunyň oňlulyk bilen gutarmajagyna Bäşimiň akyly çatyp durdy. Mele Miwäniň gulagyna çawuş çakýardy. Miwe bolsa beter gülýärdi. Miwe maşyna münermikä ýa-da münmezmikä diýen pikir Bäşimi otdan alyp, suwa taşlaýardy. Hernä heniz-ä münenokdy. Bäşimiň ylgap olaryň ýanyna barasy geldi. Näme bolsa şol bolsun diýip Miwäni ýenjip, ýatakhana alyp gitmegi ýüregine düwdi. Şol hyýal bilen ugrajak boldam welin, edil gulagynyň ýanynda biri gürledi.
— Ýigit, garaňkynyň içinde näme işläp dursuň? Näme, birinden gorkýarmyň ýa-da birini aňtap durmuň?
— Sen kim? — diýip, Bäşim onuň ýüzüne seretdi.
— Eşigimden tanaňokmy?
Bäşim onuň milisiýa organynyň işgäridigini bilip, ör-gökden geldi.
— Tanadym. Tanadym, ýoldaş uly leýtenant.
— Dogryňy aýt. Bu taýda ýeke özüň näme işläp dursuň?
— Şolara seredýän.
— Kim olar?
— Ikisem tanyş. Biri kursdaş, obadaş gyzym. Beýlekisi Mele.
— Näme üçin olara bukulyp seredýäň? Olardan gorkýarmyň?

— Näme üçin gorkaýyn. Biçak gaharym gelýär. Şol gyzy süýräp ýatakhana eltesim gelýär. Ony Mele içirendir. Ýogsam beýle häsiýet Miwede ýokdy. Ol obada iň bir abraýly ýeriň maşgalasy ahyryn. Seret, onuň güläýşini! Göwnüme bolmasa, birneme enteýärem. Sag bolanlygynda bu zatlar onuň öldürseň etjek zatlary däl ahyryn.
— Biri-birini söýýän bolsalar, seniň nä işiň? Bizde söýgi azat ahyryn.
— Ýok, ýok Miwäniň ony söýmäge haky ýok. Meläniň aýaly bar, gyzy bar diýýärler. Ol žulik, spekulýant. Ýoldaş uly leýtenant, siz maňa kömek ediň!
— Nähili kömek?
— Eger ol gyz maşyna münäýse oňlulygyň üstünden barmaz. Ol heläk bolar. Men ölerin, ýöne oňa bermerin.
Bäşim birden ýüregi ýarylan ýaly gygyrdy:
— Serediň! Serediň! Ana, mündi. Olar gider. Olary hökman saklamaly.

Bäşim olaryň yzyndan ylgamakçy boldy. Uly leýtenant onuň elinden tutup saklady.
— Arkaýyn bol. Olar hiç ýerigem gaçyp gidip bilmezler.
— Hana, maşyn ugrady.
— Zeleli ýok, bizem olaryň yzyndan galmarys.
Uly leýtenant beýleräkde, agajyň kölegesinde duran gara «Wolgany» görkezip:
— Hany, mün! — diýdi.
— Ý'ak, walla, şun-a oňardyňyz, ýoldaş uly leýtenant. Ýöne şolardan galmaň. Bilýän, munuň soňy erbetlik bilen gutarar.
— Ol gyzyň adyna kim diýdiň? — diýip, uly leýtenant sorady.
— Miwe.
— Sen ony gowy görýärmiň?
— Men size dogrusyny aýdaýyn. Men onuň ugrunda ölmäge-de taýyn. Men onuň ugrunda çagalykdan ser-sepil bolup ýörün. Ol žulik bolsa, on bäş günüň içinde penjesine gysjak bolýar. Ýeri, birden bolmasyz zat bolaýsa onuň ejesine näme jogap bererin? Oba nä ýüzüme baryp bileýin? Howlugaly, ýoldaş uly leýtenant. Olar birden gözden sypaýmasynlar.
Uly leýtenant çalaja güldi.
— Men ol maşynly ýigidi ozalam çalaja tanaýan. Ýöne ony heniz jenaýatyň üstünde welin tutup bilemzok. Bize fakt, subutnama gerek. Onsuz bolmaýar.
Meläniň maşyny Pöwrize ýoly bilen wazlap barýardy. Ýöne uly leýtenantam ondan kän bir arany açanokdy.
Mele-de ahmal däldi. O-da ätiýaçlygy elden berenokdy. Özüniň yzarlanaýmagynyň gaty mümkindigine düşünip durdy. Şeýdibem ol uly leýtenant bilen Bäşimiň gözüne sap atmagy başardy. Ol maşynynyň ähli çyralaryny söndürdi. Büreli oý diýen ýere ýeteninde maşynyny çepe sowdy.

Uly leýtenant onuň birden gözden gaýyp bolanlygyna haýran galdy. Mele maşynyny çalt sürendir öýdüp, öz maşynynyň ähli gazyny basdy. Ýöne welin her näçe sürse-de, Mele dagynyň maşyny gara bermedi. Hamana diýersiň, edil guýa gaçan ýalydy. Uly leýtenant maşynyny saklap, azajyk pikirlenip durdy. Bäşim maşynyň içinden daş-töweregine ýaltaklap oturyşyna: «Ardurja ýitirdig-ow» diýip, içini gepletdi.
— Indi olary tapyp bolmasa nähili bolar? — diýip, uly leýtenanta sowal berdi.
— Taparys.
— Soň tapanyň näme peýdasy bar?
Uly leýtenant birden maşynyny yzyna öwürdi. «Başga gidere ýeriň bolmaly däl» diýip, özbaşyna gürledi. Ep-esli ýol geçip niräkdir bir ýere gelip saklady. O-da Meläniň edişi ýaly maşynynyň çyralaryny söndürdi. Uly ýoldan çepe sowuldy-da, maşynyň motoryny öçürdi.
Mele bilen Miwe bu wagt maşynlaryny çökedräk ýerde goýup, özleri bolsa ýabyň gündogar tarapynda, gür baglygyň arasynda, aşaklaryna düşek ýazyşyp, gürleşip otyrdylar. Miwe biçak arkaýyndy. Onuň hiç zatdan gorky-ürküsi ýokdy. Ol nämeden gorksun? Onuň ýanynda Mele otyrdy ahyryn. Mele Miwä gezek geleninde şeýle rehimdar, şeýle sahy, şeýle mylaýymdy. Miwäniň abraýy üçin hany-manyndan geçjek ýigit ahyryn. Mele Miwä garap:
— Miwe jan, heý, menden bagtly adam barmykan — diýip sorady. Miwe:
— Bar — diýip, jogap berdi.
— Ýok, bolup bilmez.
— Bolup biler.
— Kim ol?
— Men.
Mele hezil edinip güldi.
— Aý, saňa döneýin! Oňardyň-aý. Hany, gel, ýanyragymda otursana.
— Wiý, mundan beter nähili ýanyragyňda oturaýyn.
— Aramyzdan gyl geçmesin.
— Şu oturyşymyz bolýar, Mele.

— Me, şujagaz limonatdan azajyk owurtla.
— Ýog-eý, ozalam köp içdim. Bir hili kelläm aýlanyp, ýüregim bulanyp dur.
— Ýüregiňe döneýin — diýip, Mele Miwäniň döşüni sypalap goýberdi. Miwäniň dünýäsi gyjyklanan ýaly boldy. Gowşajyk güldi. Eginlerini ýygyrdy. Mele ikinji gezek sypalanyny özem duýmady. Miwäniň daş ýaly bolup duran döşlerine bir eliňi ýetireniňden soň ikinji ýola saklanmak mumkin däldi.
— Wa-ýeý! Asyl bu seň eliňmidi!? — diýip, Miwe ýüregi ýarylan ýaly bolup ýerinden turdy.

— Miwe jan, meni öldürmejek bolsaň beýtmesene! Hany, otursana!.. Heý, şeýle howany, şeýle dury asmany görüpmidiň? Bu ýerde azajyk oturmanyň özi dünýä malyna degýär ahyryn. Men bu taýyk haçan diýsemem gelip bilýän. Ýöne sen bolmasaň bu ýerini başyma ýapaýynmy? Sen bolmasaň maňa bu ýeriniň açyk howasam gerek däl, dury asmanam. Başyňa-gözüňe döneýin, azajyk oturaýsana. Menem bir hezil edineýin-le!
— Bolýar. Oturaýyn. Ýöne eliňe sak bol!
Miwe oturdy.
— Miwe jan, seniň menden näme üçin çekinýändigiňe düşunemok. Sen meniňki ahyryn.
Miwe jogap bermedi.
— Sen meni gowy görýäňmi ýa-da gowy göreňok?
— Gowy görmesem seniň bilen bu ýerlere gelmezdim-ä. Maşynyňa-da münmezdim. Elbetde, gowy görýän.
— Men welin seni ýöne bir gowy göremok. Seniň üstüňde ölüp barýan. Seni janymdanam eziz görýän. Saňa öýlenmesem, men diri gezmen. Şoňa düşün. Sen näme üçin meniň elimden gorkýaň? Meniň elim seniň eliň ahyryn. Diňe elim däl, aýagymam, gözümem, gaşymam, şirin janymam seňki ahyryn. Sen bir zady pikir et Bu ýerde ikimizden başga hiç kim ýok ahyryn. Men baý, pulum kän. Şolaryň bary seniňki. Ýöne şu gün sen maňa rehim et!
Mele Miwä kem-kem golaý süýşýärdi. Ol indi Miwäni tas gujaklap diýen ýaly otyrdy. Miwäniň howry, Miwäniň jemaly ony ýakyp-gowrup barýardy. Mele özüni tutup bilmän saňňyl-saňňyl edýärdi. Ine, ol birdenem öz maksadyny amala aşyrmaga girişdi. Aç möjek ýaly bolup Miwäniň üstüne özüni oklady. Onuň zarbyna Miwäniň kellesi baryp peliň gyrasyna gütläp degdi. Miwe gorkusyndanmy ýa-da kellesi biçak gaty degenindenmi, huşsuz ýatyrdy. Meläniň gökdäki dilegi ýerde gowşupdy. Hezil edinip Miwäniň ýüzünden, gözünden ogşap başlady. Miwäniň dodak degmedik, ot ýaly gyzgyn dodagyna dodagyny ýetirdi. Hernä Miwe şol wagt huşuna gelip, «Waý!» diýip gygyrdy-da, «Ýaşy kesilen! Meýdi yranan! Ýerçeken!» diýip, ähli güýç-gaýratyny goýup Meläniň elinden sypjak boldy. Mele ony sypdyrmajak bolup, elinde baryny edýärdi.
Şeýdip dalaşmanyň soňy aldym-berdimli söweşe ýazdy. Bu wagt ar-namys ugrunda söweş gidýärdi. Miwe ölmelidi welin öz gyzlyk namysyny gorap saklamalydy. Mele-de ölmeli welin, öz maksadyna ýetmelidi.
Miwe bilen Meläniň söweşi barha gazaba münýärdi. Miwe her näçe urunsa-da, sypyp bilenokdy. Miwe ahyrynda ugur tapman Meläniň egninden agyz saldy. Miwäniň dişi Meläniň teninden mazaly geçen bolsa gerek. Mele: «Eý, wäk!» diýip, bir eli bilen egnini tutdy. Miwe şu pursatdan peýdalanyp ýerinden turup, gaçmakçy boldy. Mele çöküne düşüp oturan ýerinden Miwäniň bilinden tutmaga

ýetişdi. Miwe bu gezek oňa güýç bermedi. Iki eli bilen Meläni bogmaga başlady. Mele ölümüň öýünde onuň elini bokurdagyndan aýyrdy.
— Asyl, şeýlemi?! — diýip, Mele jübüsiniň bir ýerinden pyçak çykardy-da, Miwäniň döşünde goýdy.
— Gowulyk bilen razy bolaý! Ýogsam...
— Pyçak çenemäni bildiň. Urmanam bil, bigaýrat!
— Ýogsamam diri gidesiň ýok. Iň soňky gezek soraýan. Razy boljakmy ýa-da boljak dälmi?
— Öläýseňem...
— Ine, onda...
Meläniň pyçagy Miwäniň depesinde ýaldyrap göründi. Ýöne pyçak şol duran ýerinden aşak inip bilmedi. Bir güýçli el onuň pyçakly elinden mäkäm tutupdy. Şol wagt bularyň ýüzüne çyra tutuldy. Miwe Meläniň pyçakly elini tutup duranyň Bäşimdigini tanady. Mele elindäki pyçagy ýaba oklamakçy bolup, çep eline geçirmekçi bolanynda Bäşim onuň beýleki eline-de ýapyşdy. Ine şonda pyçagyň ýalaw ýaly ujy Bäşimiň goluny ýalap geçdi.

Uly leýtenant özüniň kimdigini aýdyp, dokumentini gerkezdi-de, Meläniň eline gandal geýdirdi. Jübüsinden ýaglyk çykaryp, Bäşimiň eýýäm al gana boýalan goluny berkden berk daňdy. Olaryň dördüsem uly leýtenantyň maşynyna mündüler.
— Men maşynymy näme etmeli? — diýip, Mele uly leýtenantdan sorady.
— Hanha, olar geldiler. Olar seniň maşynyňy GAÝA tabşyrarlar.
Uly leýtenantyň aýdyşy ýaly bir maşyn ýoldan sowlup bulara tarap çyrasyny ýalpyldadyp gelýärdi. Uly leýtenant ol gelýän maşynyň içindäkiler bilen oturan ýerinden trubkada gürleşdi-de, ýola düşüp, maşynyny göni şähere tarap sürdi.
Şol agşam ilki bilen poliklinika baryp, Bäşimiň ýarasyny görkezdiler. Wraç:
—Goluny daňyp dogry edipsiňiz. Ýogsam köp gan gitmegem mümkin eken — diýdi. — Gorkuly zat ýok, tiz gutular.
Wraç Bäşimiň ýarasyny tikdi, soňam däri-derman edip, ak hasa bilen oňat edip sarady. Soň milisiýa bölüminde Miwedenem, Bäşimdenem düşündiriş hat ýazmagy haýyş etdiler. Miwe tolgunmadan ýaňa henizem özüne gelip bilmändi. Onsoň şol ýagdaýşda bäş-alty setirden köp ýazyp bilmedi. Bäşim bolsa, bolşuny bolşy ýaly edip, baryny ýazyp berdi. Milisiýa bölüminde gerek bolsa olary ýene-de çagyrjakdyklaryny aýtdylar.
Mahlasy, şol gün Miwe bilen Bäşim gijäniň bir mahaly ýatakhana gaýdyp geldiler.

***

Miwe şol gije hiç zatdan baş çykaryp bilmän, güň ýaly bolup ýatdy. Meläniň sen-de ýok, men-de ýok, birden nejis adama öwrülmegi, milisiýa işgärleriniň, Bäşimiň öňünde ryswa bolmagy ony dälilik hetdine ýetiripdi. Şeýle ajaýyp durmuşda,

şeýle adalatly gurluşda şeýle elhençlikleriň bolup biljek ekenligine haýranlar galýardy. Miwäniň eneden dogup, öz-özüni şeýle ýigrenen gezegi bolmandy. Ol özüni iň akylly, iň batyr, iň owadan gyzlardandyryn öýdýärdi. Emma göz açyp-ýumasy salymyň içinde bagtyň ýatsa ýatyp oturyberjegine diňe indi düşünip galdy. Ol başyna inen bu oslagsyz beladan sag-salamat gutulyp bilendigine şeýle bir begendi welin, hiý ýöne goýaý? Ýeri, şol wagtlar Bäşim dagy ýetişmedik bolsa nähili bolardy? Şol pikir kellesine geleninde, «Owf!» edip, ýatan ýerinden turanyny duýman galýardy. Onuň has-da gorkýan zady, bu wakany ähli uniwersitet biler öýdýärdi. Eger şeýle bolaýsa onuň bu ýerden baş alyp gaçyp gidäýmese, başga alajy ýokdy.
Miwe daň atanynda-da uklamandy. Bir otagda ýaşaýan jorasy Bibijemal ýuwnup, çaý-nahar edinip, okuwa gitjek bolup durka-da, Miwe oýady.
— Görýän welin seniň bu gün okuwa gitmejegiň çyn boldy-how. Gaty ýaramaýan bolsaň-a, doktor çagyraly.
— Ýok la, juda beýle däl-le, ýagşy-la. Soňurrak dagy gowulaşmazmykam?
— Niräň agyrýar? — diýip, Bibijemal sorady.
— Galan ýerlerim bilen oňuşjak-la. Biçak kelläm agyrýar.
— Kelle agyry dermany mende bolmalydyr — diýip, Bibijemal öz tumboçkasyny açyp, derman tapyp berdi.
— Sag bol, jora jan. Kelle agyrym aýrylsa gutularynam-la.
— Toý bolanlygynda-da, beýle kän oturmaly ekeniňiz-dä — diýip, Bibijemal Miwä igenjek boldy. (Bibijemalyň toý diýmesiniň bir emmasy bardy. Joralary ondan öten agşam «Uzyn gijeläp nirede bolduň?» diýip soranlarynda Miwe olara «Bäşimiň euryndaşlary toý etdi. Bäşim ikimiz şoňa gitdik» diýip aldapdy).
— Bolýar-da onda. Sag-aman gutul. Seniň ýaraman ýatandygyňy aýdarys — diýip, Bibijemal okuwa gitdi.
Jorasy okuwa gidip, jaýda Miwäniň bir özi galanynda ýene düýnki waka göz öňüne geldi. Ýene-de Meläniň pyçagy ýaldyrap göründi. Göwnüne bolmasa Meläniň onuň teninden Ezraýyl ýaly penjelän ýerleri gyzyp-gyzyp gitdi. Miwe ony ozalky dişlänini az görüp, ýaňadan dişläsi geldi. Dogrudanam, şu wagt gapydan Mele geläýse, onuň etini iýse-de doýjak däldi. Bäşimi onuň pyçakly elinden tutup durany ýadyna düşüp, «Bäşim jan!» diýip, pyşyrdanyny duýman galdy. «Men seni ozal tanamaýan ekenim. Sen meniň bagtym üçin doglan ekeniň. Eger sen bolmadyk bolsaň...» Miwe ýarym-ýaş aglady. «Meniň üçin olam ýaralandy. Ol şol wagt meniň üçin ölmäge-de taýyndy ahyryn!... Ol nejisiň hakyt aýaly, çagasy bar eken-ä! Bary milisiýanyň jaýynda äşgär boldy. Olar dogry edýärler. Ony güm etmeli. Ýok etmeli. Men-ä ujyz sypdym. Ýöne o nejisden ujyz sypyp bilmedikleriňem bolmagy mümkin ahyryn...»
Miwäniň özünden şeýle göwni geçen gezegi bolan daldir.  «Bäşim maňa: «Sen ýalňyşýarsyň. Mele gowy adam däl» diýse men gaýta onuň ýüzüni aldym. Iň

akmak adam-a men ekenim» diýip, Miwe öz maňlaýyna urdy. Onuň häzir kim-de bolsa biri bilen derdinişesi gelýärdi. Ol bu wagt öz ýanyna iň ýakyn adamsynyň gelmegini isleýärdn. Ol näçe pikirlense-de, Bäşimden ýakyn adamy göz öňüne getirip bilmedi. Ol ömründe ilkinji gezek Bäşimi küýsedi.
Bäşimiňem ýagdaýy Miwäniň ýagdaýyndan öwerlik däldi. Indi ol bar zady başyndan aýlap urupdy. Indi oňa uniwersitetem gerek däldi, beýlekem. Onuň bar maksady, bar arzuwy Miwedi. Ine, Miwe-de beýle bolup çykdy. Asla Bäşimiň uniwersitetde okamak hyýaly ýokdy. Ol oba hojalyk ugrundan okamak isleýärdi. Onuň öler jany toprakdy. Ol ýaňyja sürlen ýeriň ysyny bar zatdan oňat görýärdi. Ol hasyl bitmejek ýerlerdenem hasyl alasy gelýärdi. Onuň üçinem Bäşim tehnika erk edip bilmelidigine oňat düşünýärdi. Bäşime galsa çaý-çöreginem öýde edinjek däldi. Iş üstünde, meýdanda, açyk howada iýip-içesi gelýärdi. Ol ýaňy ösüp başlan ýaşyl oty, ýaňy gämiklän ekini dünýäniň bezegi, durmuşyň özeni hasaplaýardy. Ol uniwersitete diňe Miwe üçin giripdi. Miwe bilen bäş ýyl bileje okaryn, oňa mydama kömegi ýetirer duraryn. Aý geçer, ýyl geçer, garaz, onuň göwnüni taparyn. Ölmesem ir-u-giç Miwe meniňki bolar diýip pikir edýärdi. Ol bu ýerde — uniwersitetde diňe Miwe üçin ýaşap, Miwe üçin okap ýördi.
Ine, indi bary gutardy. Miwäniň ony hiç haçan gowy görmändigine, hiç haçan gowy görmejekdigine-de, ymykly göz ýetirdi. Ony indi bu ýerde daňybam saklap boljak däldi. Onuň çaltrak bu ýerden gaçyp gidesi gelýärdi. Soňrak joralary gelip, Miwäniň halyny soradylar. Miwe:
— Ýagşy, ýöne ysgynym ýok — diýip, bahana tapdy. Özi bolsa, ogryn-ogryn joralaryna syn edýärdi. Miwe olar bir zat aňlandyr öýdüp, öler ýaly gorkýardy. Hernä olaryň gepi-gürrüňleri, özlerini alyp baryşlary zat aňlana meňzänokdylar. Ýöne jorasynyň bir gürrüňi welin Miwäni ör-gökden getirdi. Onuň Tuwak diýen jorasy:
— Men-ä Bäşimiň uniwersitetden çykyp gidenine gynandym, gyz — diýdi.
— Şoňa-ha bizem gynandyk — diýip, Bibijemal jogap berdi.
— Dogrusyny aýtsam, biziň kursumyzda Bäşimden ökdesi ýokdy.
— Şondan asyllysam ýokdy.
— Dogry aýdýaň, jora, baryp ýatan türkmeniň sada ýigdidi.
— Men-ä dogrymy aýtsam, Bäşimi biçak gowy görýärdim — diýip, Bibijemal ýüregindäkini daşyna çykardy.
— Nädäýdiň gyz? Sen-ä oňaraýdyň. Ondan gowusy, men ony söýýädim diýäýsene.
— Aý, söýýän bolsam bar, söýýän ekenim-dä, Dogrusy, söýmänäm duramokdym. Bar adamdan şol gözüme yssy görünýärdi. Ol uniwersitetden çykyp gitdi diýdiler welin, ysgynym gaçaýdy. Gynanjyma agym tutuberdi. Dogrudanam, men ony öler ýaly söýýän bolaýmaýyn. Şu wagtam göresim gelip dur.
Gyzlar Bibijemalyň gürrüňine gülüşdiler. Tuwak olaryň gülküsini kesdi.

— Gülüşmäň gyzlar. Bibijemalyň ýagdaýy ýalu ýagdaý her birimiziňem başymyza düşmegi mümkin. Bibijemal ýüregindäkijesini aýdýar. Bassyr-ýussur edip duranok. Biz ýaly içindäkisini daşyna çykarman ýörenok. Onsoň kimiň kimi oňat görüp ýörenini näbiljek?
— Gyzlar, Bäşim okuwdan näme üçin çykdyka? — diýip, Miwe hemmä degişli sowal berdi. Ol şeýdip, joralarynyň pikirini biljek bolýardy.
— Biz-ä bilmedik.
— Elbetde, bir sebäbi bardyr. Ýogsam okuwdan çykmazdy. Yzyndan hat gelen bolmagam mümkin.
Bäşimiň näme sebäbe okuwyny taşlap gidendigini Miwe bilipjik durdy. Tas «Meniň üçin gitdi!» diýip gygyrypdy. Hernä saklandy. Miwe pikirini daşyna çykarman saklanyp bilendigine müňde-bir şükür etdi.
Birdenem hälki men ýaramok diýip, halymsyran bolup ýatan gyz tarsa ýerinden turdy. Hasyr-husur şkafdan geýimlerini aldy-da, derrew geýindi. Hiç kimiň ýüzüne bakman, ot alany bar ýaly bolup jaýdan çykyp gitdi.
Miwe şol çykyp gidişine, ýatakhananyň ikinji gatyna çykyp, Bäşimnň ýaşaýan jaýynyň gapysyny kakdy. Hiç kim jogap bermedi. Ýene kakdy, ýene jogap bolmady. Ylgap ýatakhanadan çykdy-da, töwerege ser saldy. Emma Bäşime gözi düşmedi. Soň ol uniwersitetiň töwereklerini gözledi. Ol ýerde-de Bäşime duş gelmedi. Içiňi ýakaýyn diýen ýaly, bu wagt Bäşimiň tirkeşýän ýoldaşlaryndanam hiç kim ýokdy. Sagadyna seretdi. Ine şonda Tejen tarapa gidýän otlynyň ýene ýigrimi minutdan ugraýandygy ýadyna düşdi. Ylgap Proletar köçesine düşdi. Gapdalyndan bir maşyn geçse elini galdyryp başlady. Maşynlar edil dilleşen ýalydylar. Birem duranokdy. Miwe aljyrap, maşyn saklajak bolup, köçäniň ortasynda alakjap ýördi. Şol wagt batly ýöräp gelýän «Jiguli» maşyny ýelgini bilen tas Miwäniň ýüzüne ýere beripdi. Şolbada güýçli tormoz berlen maşyn Miwäniň edil ýanjagazynda saklandy. Şofýor ýigit kellesini maşynyň aýnasyndan çykardy-da, Miwä tarap bogazynda baryny edip gygyrdy.
— Näme, gözüň ýokmy? Ýa ajalyňa howlugýarmyň? Köçäniň ortasynda durubam maşyn saklajak bolarlarmy?
— Bagyşlaň, ýoldaş, men howlugýan.
— Nirä?
— Wokzala.
— Mün!
«Jiguli» Miwäni göz açyp-ýumasy wagtyň wokzala eltip taşlady. Miwe ylgap perrona çykdy. Miwe otlynyň soňky wagonlaryny görüp galdy. Göwnüne bolmasa biri oňa «Miwe!» diýip, gygyran ýaly boldy. Miwe ony öz ýanyndan Bäşimiň sesi diýip çaklady.

Miwe kartda utulan oýunçy ýaly bolup, ýüzüni sallap, yzyna gaýtdy. Bäşimiň «Miwe!» diýip, gygyran sesi häzirem gulagyna eşidilip duran ýalydy. Emma soň ol hiç ýerden Bäşimi tapmady.
Miwe özüne iň ýakyn adamdan aýrylandygyna şonda düşünip galdy. «Onuň bu näme etdigi bolduka?» diýip, zol-zol özüne sowal berýärdi. Öz sowalyna özi jogap berýärdi. «Bilýän, ol diňe meň üçin okuwyny taşlap gidendir. Men onuň göwnüne degdim. Men onuň iň belent arzuwyny, maňa bolan söýgüsini aýak astyna salyp depeledim. Men beýtmeli däldim. Ol meni hiç haçan bagyşlamaz...» Bäşim telim günläp Miwäniň göz öňünden aýrylmady. Nirä baksa Bäşim oňa ala gözleri bilen seredip durdy. Şondan soň Miwe büs-bütin üýtgedi. Indi öňküsi ýaly sähel zada jakgyldap gülmeýärdi. Agraslanypdy. Onda nähilidir alada, nähilidir ünji bardy. Ol özüniň mundan ozalky bolşuna öz ýanyndan howatyr etdi. Abraý diýen zadyň gyrkylan erkeçdigine, sähel gowşak tutsaň eliňden sypyp gidýändigine ymykly göz ýetirdi. Miwe ýap-ýaňylaram dünýäde iň gymmatly zat oňat geýinmek, owadanlyk diýip düşünýärdi. Şol iki baýlygyň bolsa bar zady ele salsa bolar öýdýärdi. Miwe hut şeýle pikire gulluk edýänligi üçin-de özüne taý edip, Meläni saýlap tutupdy. Sebäbi Mele görmegeý ýigitdi. Onuň aýak astynda öz maşyny bardy. Ýöne Meläniň ýüreginde näme baryny welin Miwe bilip bilmeýärdi. Iň erbedem Miwe ony biljegem bolmandy. Ine, Miwedäki şeýle häsiýetlerem ony belent uçurymdan tas dikbaşaşak gaýtarypdy. Onuň dadyna Miwäniň garaşmaýan adamsy — Bäşim ýetişipdi.

«Süýtde agzy býşen, suwy üfläp içer» diýleni dogry eken. Ol indi biçak eserdeňdi. Her basan ädimini oýlanman basmaýardy. Ýogsam oňa lak atan ýigitler kän boldy. Miwe olaryň birine-de ýüz bermedi. Bar ünsüni okuwa berdi. Onuň bu häsiýeti oňa öňküsinden-de oňat gözellik berdi. Indi öňki ýaly däldi. Miwe biçak asylly bolansoň asylsyzlar onuň golaýyndanam geçip bilenokdy.
Miwede şu häsiýetler başda bolan bolsa, belkäm Bäşimem uniwersiteti taşlap gitmezdi. Muňa Miwäniň barha gözi ýetip ugrady. Ol indi Bäşimi has-da çalt-çaltdan ýatlap başlady. Ol Bäşimi, onuň gylyk-häsiýetlerini göz öňüne getirdigiçe, şonça-da oňa göwni ýetdi. «Dogrudanam, ýigit diýeniň şeýleräk bolsa ýagşy» diýip, içini gepletdi.
Soňabaka Miwäniň Bäşimi biçak göresi geldi. Göwnüne bolmasa, Bäşim bir gün gelip gapyny kakaýjak ýalydy. Bibijemal käte-käteler Bäşimi ýatlap, ol barada öwgüli gürrüňler edip başlanynda Miwe ony gabanyp başlady.
Wah, Bäşim! Bäşim! Ol bu güne ýetmek üçin, gör, näçe ýyllar garaşdy. Ine, indem Miwe ony gowy görüp başlanynda ol bu ýerden uzakda gezip ýördi. Ol Miwäniň özüni söýendigini biläýse, onuň nähnli begenjekdigini göz öňüne getirip görüň! Begenjinden ýüregi ýarylaýmagam mümkinŞeýde-şeýde ýaz geçip, tomus düşdi. Miwe kanikulda öýlerine gaýtdy. Bu ýerde welin Miwe Bäşim bilen

duşuşjakdygyna şübhelenmeýärdi. Bolmajak bolsa, bolmaz ekeni. «Bäşim obada ýok. Ol goşun gullugyna gitdi» diýdiler. Miwäniň bar höwesi gaçdy. Bäşim uniwersiteti taşlap gaýdanynda otla ýetişip bilmänligine bu sapar hasam beter gynandy. Miwäniň göwnüne şol gezek otla ýetişen bolsa, bar zat düzeläýjek ýalydy. Eger ol ýetişäýenliginde Miwe her ederdi, hesip ederdi, Bäşimi uniwersitetde galmaga yrardy. Eger şeýdäýen bolsa Bäşim bilen bäş ýyl bileje okardy. Bileje kanikula gaýdardy. Şeýdäýen bolsa, gör, nähili gowy boljakdy. Miwe Bäşimi öz arkadagy hasaplaýardy ahyryn.

**

Bäşim şofýorçylygy heniz goşun gullugyna gitmänkä öwrenipdi. Şonuň üçin ol goşunçylyk döwründe tankçylyk bölüminde gulluk etdi. Ol indi goşunçylykdan geleli bäri kolhozyň ýük çekýän maşyny bilen garabaşyna gaýdy. Ol bu günler ýetişibildigi şähere gök önüm daşaýardy. Onuň işden gelip, maşynynyň oduny söndürenem şoldy welin, tutçulygyň arasyndan «Bäşim!» diýen ses eşidildi. Bäşim allaniçiksi bolup, tisginip gitdi. Öz gulagyna özi ynanmajak boldy. «Mümkin däl» diýip, içini gepletdi. Ses ikinji gezek, soň üçünji gezek gaýtalanandan soň, şol tarapa nähili bolup, ylgap barandygynam duýman galdy. Ol ýap-ýaňyja-da bu dünýäde gezip ýördi. Eýýäm, şu göz açyp-ýumasy salymyň içinde başga dünýä baryp düşdi. Onuň öňünde Miwe durdy! Bäşim bir agzam gürlemän, geň galyp, agzyny açyp durdy. Şol önki Miwe! Sähel dagy üýtgäýse nädersiň. Şol jan algyç eziz gözler, şol bir wagtky şar gara uzyn saçlar. Bäşimiň yşky göterilip, gözleri ot ýaly ýanyp başlady.

— Bu men, Miwe. Tanamadyňmy?

— Ol näme diýdigiň? Heýem men seni tanamarynmy? «Bäşim!» diýeniňden sendigiňi bildim. Ýöne geň galdym. Sen meniň ýanyma gelersiň öýdüp, ýatsam-tursam hyýalyma gelmeýärdi. Häzirem birhili, düýş ýaly, ynanmajak bolup durun.

— Ýok, Bäşim. Ynan. Bu men saňa garaşa-garaşa garaşmaz boldum. Ahyryn özüm seni gözläp tapdym.

— Eýgilikmi?

— Elbetde, eýgilik.

— Sen nire, bu ýerleri nire?

— Görýän welin seniň hiç zatdan habaryň ýog-ow? Men ozalam şeýlemikän diýip çak edýärdim. Seni görmänime näçe ýyl geçendigini bilýärmiň?

— Bilýän Miwe. Üç ýyl geçdi.

— Dogry. Meniňem saňa üç ýyldan bäri garaşyp ýörşüm. Sen uniwersiteti taşlap gideniňde uniwersiteti däl, meni taşlap gitdiň. Sen gidenje günüň özümiň ýeke galandygyma düşündim. Yzyňdan ýetjek bolup, wokzala ylgadym. Emma gijä galan ekenim. Otly ýaňyja ugrady diýdiler. Eger ýetişen bolsam ölsemem seni goýbermezdim. Şondan bärem ýoluňa garap ýörşüm. Ahyrynda ynha, saňa üç ýyldan soň duşdum.

Dogrudanam, Bäşim üçin bu zatlara ynanaýmak kyndy. Miwe ilkinji gezek onuň bilen şeýle ýakyn durup, tüýs ýürekden gürrüň edýärdi. Miwe Bäşime has golaý durdy.
— Men seniň ýanyňa ötünç soramaga geldim.
— O nämäň ötünji? — diýip, Bäşim geň galdy.
— Men seniň päk söýgiňi harladym. Sen meni ýüregiňden syzdyryp, hat ýazdyň. Men bolsam hatyňa jogap bermän seni şu çaka çenli kösäp geldim. Sen maňa dag-deräni, çöl-beýewanlary söküp, doglan günüme çyn güllerden çemen baglap getirdiň. Men bolsam seniň getiren gülleriň ýüzüne urdum. Özgä göwün berdim. Ine, şonda men düýpsüz derýa gark boljak bolup durkam, sen gelip meni halas etdiň. Şeýdip sen ýamanlygyma ýagşylyk bilen jogap berdiň.
— Bäşim, sen maňa dogryňy aýt. Sen meniň günämi geçýärmiň ýa-da geçeňokmy?
— Bu taýda günäňi geçip-geçmez ýaly näme bar? Seniň diýýän zatlaryň bir wagt bolup geçen zatlar. Ondan bäri aý aýlanyp, ýyllar geçdi. Men bar zady bir wagt unutdym.
— Diýmek, sen menden razy-da?
— Müň-de bir razy.
— Sag bol! Ýaşyň uzyn bolsun!
— Miwe!
— Gulagym sende.
Şol wagt Bäşimiň gelnejesiniň sesi eşidildi.
— Bäşim! A-ýu, Bäşim!..
— Seni gelnejeň çagyrýar... Meni bir göräýmäwersin — diýdi-de, Miwe tutçulygyň içi bilen öýlerine tarap, aýagaldygyna ylgap gitdi. Bäşim nätjegini bilmän delmuryp galdy. Yzyndan ylgabam bilmedi, dur diýip gygyrybam bilmedi. Ol Miwäniň ilden ogrynça ýanyna gelip gidenini äşgär edip biljek däldi. Ine, onsoň onuň yzyndan iki elini uzadyp, boýnuny süýndirip galdy. «Gelneje! Gelneje! Janym gelneje!» diýip, öz ýanyndan zeýrendi. «Ýeri, meni çagyrjak bolsaň, başga wagt tapmadyňmy? Oňa diýjek sözüm bardy ahyryn. Hana indi diýjek sözümiň birinem diýip bilmän galdym. Ol maňa beren ähli jebirleri üçin ötünç sorady. Ony beladan halas edenim üçin alkyş okady. Dogrudanam, men ony halas edipdim. Men oňa «Indi nobat seňki, senem meni halas et!» diýjekdim. Arman, diýip bilmän galdym... Ol meniň bilen razylaşyp, hoşlaşyp gitdi. Ol indi dolanyp, hiç haçan meniň ýanyma gelmez».
— Bäşim diýýän men saňa! — diýip, gelnejesi bu gezek has batly gygyrdy.
— Ine, bardym, gelneje!
Bäşim ylgap, gelnejesiniň ýanyna bardy.
— O taýda näme işläp ýörsüň?
— Hiç zadam işlämok.

**— Ýanyňdaky kimdi?**
**— Aý, bir tanyş gyzym.**
**— Miwe ýalak-la.**
**— Aý, ýok gelneje, Miwä-hä däl.**
**— Onda kim?**
**— Sen ony tanamarsyň.**
**— Meniň tanamaýanymy sen nireden tanap ýörsüň? Adyny aýtsaň bilerin.**

**Bäşim çalaja güldi.**
**— Şonuň adyny bilmek hökmanmy, gelneje.**
**— Wiý, bilsek gowy-da, oglan. Bizem indi toý aladasyndan dyndar ahyry. Illeriň seniň ýalakysynyň eýýäm telim çagasy bar. Çekinme-de aýt, gowy maşgala bolsa gudaçylyga barjak.**
**— Aý, onuň gowulygyn-a söz ýokdur.**
**— Wah, şeýle bolsun-da, Hudaýym. Seniňem gowy görýäniň bolsun-da hernä. Adyna näme diýdiň**
**Bäşim bu gezek bir gyzyň adyny tutmasa, gelnejesiniň elini ýakasyndan sypdyrmajagyna düşünip durdy. Ol her näçe pikirlense-de. Bibijemaldan özge gyzy göz öňüne getirip bilmedi. Bibijemal göz öňüne geleninde göwnüne ol Bäşimiň ýüzüne gülümsiräp bakan ýaly boldy.**
**— Adyna Bibijemal diýýärler.**
**— Gowy gyz diýdiňmi?**
**— Gowy bolup, ne gowy. Uniwersitetde şondan gowy gyz ýok.**
**— Ol asyl okan ýören gyz diýsene?**
**— Hawa.**
**— Okasa gowy-da näme? Bu wagt okamaýan gyz barmy näme?**
**— Menem şony diýýän-dä.**
**— Onuň ýaly bolsa derrewjik ugruna çykaýaryn, Bäşim jan.**
**— Sen entek howlukma gelneje, wagty geleninde özüm aýdaryn.**
**— Wagty geleninde diýip, indi beri uzaklaşdyrma, oglan. Illeriň «Haçan ýuwürjiňi öýlendirjek?» diýen sözünden bizar-peteňim çykdy. Indi besdir. Herki zadyň öz çeni-çaky bardyr.**

*******

**Şeýdip tomus geçdi, güýz geldi. Miwe indi uniwersitetiň dördünji kursunda okap ýördi. Ony indi öňki Miwe diýseň ynanar ýaly däldi! Öňküsinden horlanypdy. Öňküsi ýaly oňat geýinjek bolup, özüne timar berjegem bolup ýörenokdy. Ol indi ähli ünsüni okuwa beripdi. «Bar-bar, okuwdan bar» diýýärdi. Ol indi öňküsi ýaly sähel zada jakgyldap gülüp ýörenokdy. Kän bir gepe-gürrüňe-de goşulyp**

ýörenokdy. Haçan görseň aladaly, nämedir bir zatlaryň pikirini edýärdi. Onsoň ol sähel wagtyň içinde birnäçe ýaş ulalan ýalydy.
Ine, bu günem ol jaýda bir özi, stoluň başyna geçip, nämedir bir zadyň pikirini edip otyrdy. Edil şol wagtam Bäşimiň gelnejesi gapydan girdi.
— Nurtäç daýza! Sen nire, bu ýerleri nire? Geleweri-de geçeweri!..
— Miwe jan, asyl bu senmi? Tüýs üstünden geläýşimi diýsene? Bu-ýa asyl, oňat bolaýdy. Ýeri, gurgunmyň? Sag-gurgunja okap ýörmüň?
— Saglyk, Nurtäç daýza. Sag-gurgun okap ýörüs.
— Aý, şeýle bolsun-da, hernä. Okuwyňyzam-a agyr düşýändir. Haçanky okap ýörşüňiz. Indi azalmaýarmy?
— Aý, indi agramyny azaltdyk-la. Şu ýylam bir sag-aman geçiräýsek, onsoň bir ýylymyz galýar. Aý, onsoň diplom işi diýer, praktika diýer, geçip gider-le. Sen azajyk otur, Nurtäç daýza. Men derewjik çaý-naharyň ugruna çykaýyn.
Miwe ylgap daş çykdy. Ol begenjinden nätjegini bilenokdy. Ony başga biri däl, Bäşim iberendir öýdýärdi. Miwe onuň näme aýdaryna garaşyp, howlugyp, ölüp-öçüp barýardy. Ara kän salym salmanam eli kitirli gaýdyp geldi. Çäýnek-käse çykaryp, Nurtäjiň öňünde çaý-nahar goýdy.
— Sen bu ýerini nähili tapdyň, Nurtäç daýza!
— Bäşim jan tapmaz ýaly etmedi ahyryn. Gönije baraýmaly edip salgy berdi. Gapyda oturýan aýaldan seni soradym welin olam haýsy jaýda ýaşaýandygyňyzy aýtdy. Onsoň menem gönüje geldim-de, gapyňyzy kakaýdym.
Miwäniň ýüregi hasam böküp ugrady. «Aýdyşym ýaly-la. Ony meniň ýanyma Bäşim iberipdir» diýip, içini gepletdi. Nurtäjem Mnwäniň içini bilip duran ýaly:
— Meni Bäşim iberdi — diýdi. Miweniň ýüzi bir agaryp, bir gyzaryp gitdi. Demini tutup diýen ýaly Nurtäjiň indiki aýtjak sözüne garaşdy.
— Bibijemal diýen gyzam seniň ýanyňda ýaşaýarmy?
Miwäniň ýüzi duw-ak boldy. «Eý, Hudaýjan eý, bu şeýle bolup çykarmy?» diýip, gorkujygyndan dili tutuldy. Tas elindäki käsesini gaçyrypdy. Miwe zordan özüne geldi.
— Hawa, bile ýaşaýas.
— Hany, ol ýokmudy?
— Magazine gidipdi. Häzir geler.
— Şeýlemi?.. Aý, onda bir azajyk garaşaýaryn-da...
Miwe Nurtäjiň özi üçin gelmändigine ymykly göz ýetirdi. Bu oňa çydap-çekerden agyr degdi. Gynanjyndan ýürek-bagry ört alyp, özüni daga-daşa urasy geldi. Onuň häzirki çekýän jebri, Bäşimiň ähli çeken jebrinden ýüz esse agyrdy. Onuň häzir gürlemeg-ä beýle-de dursun, gymyldamaga-da haly ýokdy. Ol häzir öz ýanynda Nurtäjiň oturandygynam unudypdy. Bibijemalyň gapyny açyp, içerik gireninem duýman galdy.

Bibijemal Miwäniň bir özüdir öýdüpdi. Nurtäjiň oturanyny görüp, birhili boldy. Gapyda duran ýerinden ýokaryk geçip bilmän:
— Salam! — diýdi.
— Gurgunmyň janym, aman saglykmydyr? — diýip Nurtäç oturan ýerinden Bibijemalyň salamyny aldy. Birdenem:
— A gyz, sen Bibijemal bolaýma? — diýip sorady.
— Hawa? — diýip, Bibijemal aňka-taňka boldy. Gözüni elek-çelek edip bir Nurtäje, bir Miwä seretdi. Miwäniň ýüzi boz-ýazdy. Ol özüne näçe erk etjek bolsa-da, onuň agyr oýa batanlygy görnüp durdy. Bibijemal Miwä hökman bir zat bolandyr öýtdi.
— Miwe, näme boldy? Eýgilikmi? — diýip sorady
— Eýgilik bolman näme bolsun? Hudaýa şükür, elbetde eýgilik — diýip, Nurtäç ýyrş-ýyrş etdi.
Bibijemal elindäki kagyza dolangy zatlary tumboçkasynyň üstünde goýdy-da, oturgyjy alyp, Miwäniň ýanynda oturdy. Nurtäç şu iki aralykda Bibijemala oňatja syn etdi. «Tüweleme munuň eýjejik gyzdygyny!» diýip, içini gepletdi. «Bolsa-da, Bäşim jan gyz saýlab-a bilipdir...» Nurtäjiň ozalam göz öňüne getirip ýöreni edil Bibijemal ýaly gyzdy. Bibijemal orta boýly, saryýagyz, uzyn saçly, gyýma gaşly, gözleri gülüp duran gyzdy.
— Sen Bibijemal bolsaň, seniň ýanyňa meni Bäşim iberdi.
Bibijemal Bäşim sözüni eşideninden tarsa ýerinden turdy-da, el çarpdy. Nurtäç muňa aňka-taňka boldy.
— Siziň Bäşim diýýäniňiz Meredow Bäşim dälmi?
— Hawa.
— Nähili? Sag-gurgunmy?
— Sag-gurgun.
— Sag-gurgun bolsa, bu wagta çenli näme üçin hat ýazman, gara bermän oňup bildikä?
— Wiý, Miwe bilýär ahyryn. Ol goşunçylyga gidip geldi ahyryn.
— Şeýlemi? Miwe, bilýän bolsaň näme aýtmadyň, gyz? Men bolsam bizden şu wagta çenli habar tutmanlygyndan öýkeläp ýörün. Aý, bolýar, sag-gurgun gelen bolsa bolýar.
— Hudaýa şükür, sag-aman geldi.
— Siz Bäşimiň nämesi?
— Gelnejesi.
Bibijemal bu gelen aýalyň Bäşimiň gelnejesidigini bilip, öz bolşundan özi utandy.
— Şeý diýseňizläň! Gelnejesi diýseňizläň!
— Hawa. Ol meniň iň körpe ýüwürjim.
— Hany, aýtsaňyzlaň, ol näme kär edýär. Okaýarmy, işleýärmi?
— Goşunçylykdan geleli bäri, kolhozyň ýük maşynyny sürýär.

— Okuwa dagy girjek diýenokmy?
— Jany sag bolup gezip ýörse indi okar-da näme?
— Aý, hawa-la, dogry aýdýaňyz. Esasy zat saglyk-la. Jany saga okuw her wagtam tapdyrar-la. Ýöne, men onuň näme üçin uniwersiteti taşlap gidenine henizem haýran galyp ýörün. Ýogsam biz onuň bilen ýaňy bir öwrenişip ugrapdyk. Bäşim gowy ýigit. Men ony biçak gowy görýän.
— Wah, gowy göreniň gowy-da, Bibijemal jan. O-da seni gowy görmese, meni seniň ýanyňa ibermezdi ahyry.
Bibijemalyň göwnünde henizem aýry zat ýokdy. Bäşim ony düýbünden başga zat üçin iberendir öýdýärdi.
— Dogrudanam, Bäşim iberdimi? Onuň ýumşy bar bolsa, özi gelip bilmedimikä?
— Özem daş ýerde däl, şu ýerde, Aşgabatda. Maşynyň goşuny almaga geldi. Ol meni synla diýip iberdi.
— Kimi? Nämäni?
— Seni, Bibijemal jan, seni. Onuň şu dünýäde senden başga gowy görýäni ýok. Ynha indi üç ýyldyr, ony öýlendirjek bolup, öýlendirip bilmän ýörüs. Haýsy gyzy agzasaň ýok diýýär. Onda özüň aýt diýseňem aýdýan zady ýok. Ahyryn seniň adyňy tutdy. Bibijemal bolanynda kim bolýar diýsem, uniwersitetde bile okanym diýdi. Öýleri nirede, nireden habar tutmaly diýsegem aýdyp bilýän zady ýok. Ol seniň nirede ýaşaýanyňy bilmeýän bolara çemeli. Onsoň şu taýyk – okaýan ýeriňe geläýdim.
Bu wagt Bibijemalyň utanjyndan ýüzi dym-gyzyldy. Hälki saryýagyz gyz diýseň ynanar ýaly däldi. Miwäniň ýüzi bolsa barha agarýardy.
— Bäşim bäş doganyň iň kiçisi. Kakasy bende aradan çykanynda Bäşim bolaýsa dört-bäş ýaşyndadyr-da. Ejesi pahyr iki ýyl soň aradan çykdy. Kakasy ýetmiş dört ýaşynda, ejesi ýetmiş üç ýaşynda ýogaldylar. Ine onsoň men Bäşimiň iň uly gelnejeleri bolamsoň,  hem eje, hem gelneje ornunda galyberdim. Şonam bir abraý bilen bir oňat maşgala öýlendirip bilsem, men onsoň uly aladadan dynýan. Ýogsam gyz, gören «Bäşimi haçan öýerýäňiz?» diýip, ýürek-bagryňa düşýärler. Wah, bize galsa öýlendirjek-le, onuň özi edenok. Biz-ä şonuň göwnüne ýaraýan gyzynyň üstünden baryp bilmedik. Ynha, indi, Hudaý köp görmesin bolaýdy. Onuň gowy görýän gyzyny öz agzyndan eşidäýdik. Asyl sen şol Bibijemal diýsene! Ýüwürjimiň ähli gyzdan seçip-saýlany diýsene! Bize düşseň-ä ökünmersiň, Bibijemal jan! Illeriň bize ýetip bilseler armany ýokdur. Her kim döwlet ýoksun diýip, bir döwüm çöregimizden dadyp gidenlerine-de, monça bolýandyrlar. Ýöne seniň göwnüňde näme barlygyny welin, özüň biläýmeseň, biz bilip biljek däl-dä.
Bibijemal utanjyndan dym-gyzyl bolup, ýere bakyp oturan ýerinden, ýüzüni galdyryp bilmän gürledi.
— Biziň-ä Bäşim ýaly ýigide ýetip bilsek armanymyz ýok.

—Wah, dilleriňe döneýin, Bibijemal jan?.. Biziňem Hudaýdan diläp ýörenimiz seniň ýaly gyz-da. Sowadyň bar, gül ýaly görk-görmegiň bar, özümiz ýaly ýüregiň açyk, onsoň biz senden gowusyny nireden tapaly. Onda men-ä Bäşime şeý diýibem aýdaýjak. Gül ýaly maşgala, meniň-ä synym oturdy diýjek. Neneň görýäň? Sen şoňa razymy?
— Razy — diýip, bu gezek ýylgyryp jogap berdi.
— Razy bolsaň sagat ýedide birinji bagyň işigine bar. Ol saňa garaşar, Bibijemal jan. Duşuşyň, gürleşiň, soň çigi bolmasyn. Onda men turdum. Sag-salamat boluň. Wiý, ýogsa-da, men indi siziň öýüňize-de barmalydyryn ahyryn. Öýüňiziň nirededigini menem bilemok. Bäşim janam bilenok. Bibijemal jan, bir kagyzjygyň ýüzüne öýüňiziň adresini düşnüklije edip ýazyp ber. Meniň indi howlugym özüm bilen. Toýuň ugruna çykjak. Rugsatmydyr, Bibijemal jan?
— Menden-ä rugsat.
— Birden öýüňiz razy bolman durubermesin.
— Men razy bolanymdan soň...
— Sag bol, Bibijemal jan. Gyz diýeniň şeýle bor. Oňarýaň, Bibijemal jan, oňarýaň. Öz bagtyň üçin özüň göreşmeseň, kim göreşsin? Ejeň, kakaň barmydyr?
— Hudaýa şükür, bardyr.
— Olar näme işleýän adamlar?
— Ikisem kolhozçy.
— Nähili, gowy adamlarmydyr!
— Meniň üçin-ä ýeriň ýüzünde ejem bilen kakamdan gowy adam ýok.
— Gowy bolany gowy-da. Ýöne olar maňa salybilen salgydyny salaýmasynlar. Şoňa bir kömek berewergin, Bibijemal jan.
— Ine, oňa welin edip biljek kömegim ýok.
Nurtäç gorkdy. Olar salgydy biçak agyr salarlar öýtdi.
— Olar şeýle gymmatçylmydyr?
— Elbetde.
— Be, şeý diýsene? Biziňem-ä ýere-göge sygman üýşüp ýatan zadymyz ýokdur. Aý, näme, Miwe-de özümiziňki-le. Gizläp oturasy zat ýok. Näçeräk bolar öýdüp pikir edýäň? Bibijemal jan, gülme ahyryn. Men çynym bilen soraýan. Öňünden çen-çakyny bilseň gowy-da, gyz.
— Edil bolaýjak ýerinem aýdyp biljek.
— Aýt, Bibijemal jan, aýt. Çekinme.
— Aýtsam şeýle...
Miwe-de bilesi gelip. Bibijemalyň ýüzüne çiňerildi.
— Iller göwherden bolmasa alanok. Aý, bolýar, men gyzyldanam bolsa alaýjak.
— Gyzyldan diýýäniň name? — diýip, Nurtäç durup bilmedi.
— Gyzyldan diýýänimmi? Gyzyldan diýýänimiň biri ýüzük, biri gulakhalka.

— Wa-ýeý! Seň aýdyp oturan zatlaryňy! O zatlaryň gürrüňini etmesene. Onsuz bolmaz-la. Ýeri, onsoň näme?
— Onsoňmy? Onsoň men size iň agyr saljak salgydymyzy aýdyp bereýin.
— Aýt, Bibijemal jan, aýt. Hany, iň agyr salgydyňyzam eşideli.
— Eşitseňiz, oňa-ha Bäşimiň özi diýýärler. Şondan başga bize uly baýlyk gerek däl.
Nurtäç baryp Bibijemaly gujaklady. Saçlaryndsn sypalady. Taýly gezek ýaňaklaryndan ogşady. Begenjinden aglady.
— Saglyk, Nurtäç daýza. Sag-gurgun okap ýörüs.
— Aý, şeýle bolsun-da, hernä. Okuwyňyzam-a agyr düşýändir. Haçanky okap ýörşüňiz. Indi azalmaýarmy?
— Aý, indi agramyny azaltdyk-la. Şu ýylam bir sag-aman geçiräýsek, onsoň bir ýylymyz galýar. Aý, onsoň diplom işi diýer, praktika diýer, geçip gider-le. Sen azajyk otur, Nurtäç daýza. Men derewjik çaý-naharyň ugruna çykaýyn.
Miwe ylgap daş çykdy. Ol begenjinden nätjegini bilenokdy. Ony başga biri däl, Bäşim iberendir öýdýärdi. Miwe onuň näme aýdaryna garaşyp, howlugyp, ölüp-öçüp barýardy. Ara kän salym salmanam eli kitirli gaýdyp geldi. Çäýnek-käse çykaryp, Nurtäjiň öňünde çaý-nahar goýdy.
— Sen bu ýerini nähili tapdyň, Nurtäç daýza!
— Bäşim jan tapmaz ýaly etmedi ahyryn. Gönije baraýmaly edip salgy berdi. Gapyda oturýan aýaldan seni soradym welin olam haýsy jaýda ýaşaýandygyňyzy aýtdy. Onsoň menem gönüje geldim-de, gapyňyzy kakaýdym.
Miwäniň ýüregi hasam böküp ugrady. «Aýdyşym ýaly-la. Ony meniň ýanyma Bäşim iberipdir» diýip, içini gepletdi. Nurtäjem Mnwäniň içini bilip duran ýaly:
— Meni Bäşim iberdi — diýdi. Miweniň ýüzi bir agaryp, bir gyzaryp gitdi. Demini tutup diýen ýaly Nurtäjiň indiki aýtjak sözüne garaşdy.
— Bibijemal diýen gyzam seniň ýanyňda ýaşaýarmy?
Miwäniň ýüzi duw-ak boldy. «Eý, Hudaýjan eý, bu şeýle bolup çykarmy?» diýip, gorkujygyndan dili tutuldy. Tas elindäki käsesini gaçyrypdy. Miwe zordan özüne geldi.
— Hawa, bile ýaşaýas.
— Hany, ol ýokmudy?
— Magazine gidipdi. Häzir geler.
— Şeýlemi?.. Aý, onda bir azajyk garaşaýaryn-da...
Miwe Nurtäjiň özi üçin gelmändigine ymykly göz ýetirdi. Bu oňa çydap-çekerden agyr degdi. Gynanjyndan ýürek-bagry ört alyp, özüni daga-daşa urasy geldi. Onuň häzirki çekýän jebri, Bäşimiň ähli çeken jebrinden ýüz esse agyrdy. Onuň häzir gürlemeg-ä beýle-de dursun, gymyldamaga-da haly ýokdy. Ol häzir öz ýanynda Nurtäjiň oturandygynam unudypdy. Bibijemalyň gapyny açyp, içerik gireninem duýman galdy.

Bibijemal Miwäniň bir özüdir öýdüpdi. Nurtäjiň oturanyny görüp, birhili boldy. Gapyda duran ýerinden ýokaryk geçip bilmän:
— Salam! — diýdi.
— Gurgunmyň janym, aman saglykmydyr? — diýip Nurtäç oturan ýerinden Bibijemalyň salamyny aldy. Birdenem:
— A gyz, sen Bibijemal bolaýma? — diýip sorady.
— Hawa? — diýip, Bibijemal aňka-taňka boldy. Gözüni elek-çelek edip bir Nurtäje, bir Miwä seretdi. Miwäniň ýüzi boz-ýazdy. Ol özüne näçe erk etjek bolsa-da, onuň agyr oýa batanlygy görnüp durdy. Bibijemal Miwä hökman bir zat bolandyr öýtdi.
— Miwe, näme boldy? Eýgilikmi? — diýip sorady.
— Eýgilik bolman näme bolsun? Hudaýa şükür, elbetde eýgilik — diýip, Nurtäç ýyrş-ýyrş etdi.
Bibijemal elindäki kagyza dolangy zatlary tumboçkasynyň üstünde goýdy-da, oturgyjy alyp, Miwäniň ýanynda oturdy. Nurtäç şu iki aralykda Bibijemala oňatja syn etdi. «Tüweleme munuň eýjejik gyzdygyny!» diýip, içini gepletdi. «Bolsa-da, Bäşim jan gyz saýlab-a bilipdir...» Nurtäjiň ozalam göz öňüne getirip ýöreni edil Bibijemal ýaly gyzdy. Bibijemal orta boýly, saryýagyz, uzyn saçly, gyýma gaşly, gözleri gülüp duran gyzdy.
— Sen Bibijemal bolsaň, seniň ýanyňa meni Bäşim iberdi.
Bibijemal Bäşim sözüni eşideninden tarsa ýerinden turdy-da, el çarpdy. Nurtäç muňa aňka-taňka boldy.
— Siziň Bäşim diýýäniňiz Meredow Bäşim dälmi?
— Hawa.
—Nähili? Sag-gurgunmy?
— Sag-gurgun.
— Sag-gurgun bolsa, bu wagta çenli näme üçin hat ýazman, gara bermän oňup bildikä?
— Wiý, Miwe bilýär ahyryn. Ol goşunçylyga gidip geldi ahyryn.
— Şeýlemi? Miwe, bilýän bolsaň näme aýtmadyň, gyz? Men bolsam bizden şu wagta çenli habar tutmanlygyndan öýkeläp ýörün. Aý, bolýar, sag-gurgun gelen bolsa bolýar.
— Hudaýa şükür, sag-aman geldi.
— Siz Bäşimiň nämesi?
— Gelnejesi.
Bibijemal bu gelen aýalyň Bäşimiň gelnejesidigini bilip, öz bolşundan özi utandy.
— Şeý diýseňizläň! Gelnejesi diýseňizläň!
— Hawa. Ol meniň iň körpe ýüwürjim.
— Hany, aýtsaňyzlaň, ol näme kär edýär. Okaýarmy, işleýärmi?
— Goşunçylykdan geleli bäri, kolhozyň ýük maşynyny sürýär.

— Okuwa dagy girjek diýenokmy?
— Jany sag bolup gezip ýörse indi okar-da näme?
— Aý, hawa-la, dogry aýdýaňyz. Esasy zat saglyk-la. Jany saga okuw her wagtam tapdyrar-la. Ýöne, men onuň näme üçin uniwersiteti taşlap gidenine henizem haýran galyp ýörün. Ýogsam biz onuň bilen ýaňy bir öwrenişip ugrapdyk. Bäşim gowy ýigit. Men ony biçak gowy görýän.
— Wah, gowy göreniň gowy-da, Bibijemal jan. O-da seni gowy görmese, meni seniň ýanyňa ibermezdi ahyry.
Bibijemalyň göwnünde henizem aýry zat ýokdy. Bäşim ony düýbünden başga zat üçin iberendir öýdýärdi.
Dogrudanam, Bäşim iberdimi? Onuň ýumşy bar bolsa, özi gelip bilmedimikä?
— Özem daş ýerde däl, şu ýerde, Aşgabatda. Maşynyň goşuny almaga geldi. Ol meni synla diýip iberdi.
— Kimi? Nämäni?
— Seni, Bibijemal jan, seni. Onuň şu dünýäde senden başga gowy görýäni ýok. Ynha indi üç ýyldyr, ony öýlendirjek bolup, öýlendirip bilmän ýörüs. Haýsy gyzy agzasaň ýok diýýär. Onda özüň aýt diýseňem aýdýan zady ýok. Ahyryn seniň adyňy tutdy. Bibijemal bolanynda kim bolýar diýsem, uniwersitetde bile okanym diýdi. Öýleri nirede, nireden habar tutmaly diýsegem aýdyp bilýän zady ýok. Ol seniň nirede ýaşaýanyňy bilmeýän bolara çemeli. Onsoň şu taýyk – okaýan ýeriňe geläýdim.
Bu wagt Bibijemalyň utanjyndan ýüzi dym-gyzyldy. Hälki saryýagyz gyz diýseň ynanar ýaly däldi. Miwäniň ýüzi bolsa barha agarýardy.
— Bäşim bäş doganyň iň kiçisi. Kakasy bende aradan çykanynda Bäşim bolaýsa dört-bäş ýaşyndadyr-da. Ejesi pahyr iki ýyl soň aradan çykdy. Kakasy ýetmiş dört ýaşynda, ejesi ýetmiş üç ýaşynda ýogaldylar. Ine onsoň men Bäşimiň iň uly gelnejeleri bolamsoň,  hem eje, hem gelneje ornunda galyberdim. Şonam bir abraý bilen bir oňat maşgala öýlendirip bilsem, men onsoň uly aladadan dynýan. Ýogsam gyz, gören «Bäşimi haçan öýerýäňiz?» diýip, ýürek-bagryňa düşýärler. Wah, bize galsa öýlendirjek-le, onuň özi edenok. Biz-ä şonuň göwnüne ýaraýan gyzynyň üstünden baryp bilmedik. Ynha, indi, Hudaý köp görmesin bolaýdy. Onuň gowy görýän gyzyny öz agzyndan eşidäýdik. Asyl sen şol Bibijemal diýsene! Ýüwürjimiň ähli gyzdan seçip-saýlany diýsene! Bize düşseň-ä ökünmersiň, Bibijemal jan! Illeriň bize ýetip bilseler armany ýokdur. Her kim döwlet ýoksun diýip, bir döwüm çöregimizden dadyp gidenlerine-de, monça bolýandyrlar. Ýöne seniň göwnüňde näme barlygyny welin, özüň biläýmeseň, biz bilip biljek däl-dä.
Bibijemal utanjyndan dym-gyzyl bolup, ýere bakyp oturan ýerinden, ýüzüni galdyryp bilmän gürledi.

— Biziň-ä Bäşim ýaly ýigide ýetip bilsek armanymyz ýok.

— Wah, dilleriňe döneýin, Bibijemal jan?.. Biziňem Hudaýdan diläp ýörenimiz seniň ýaly gyz-da. Sowadyň bar, gül ýaly görk-görmegiň bar, özümiz ýaly ýüregiň açyk, onsoň biz senden gowusyny nireden tapaly. Onda men-ä Bäşime şeý diýibem aýdaýjak. Gül ýaly maşgala, meniň-ä synym oturdy diýjek. Neneň görýäň? Sen şoňa razymy?
— Razy — diýip, bu gezek ýylgyryp jogap berdi.
— Razy bolsaň sagat ýedide birinji bagyň işigine bar. Ol saňa garaşar, Bibijemal jan. Duşuşyň, gürleşiň, soň çigi bolmasyn. Onda men turdum. Sag-salamat boluň. Wiý, ýogsa-da, men indi siziň öýüňize-de barmalydyryn ahyryn. Öýüňiziň nirededigini menem bilemok. Bäşim janam bilenok. Bibijemal jan, bir kagyzjygyň ýüzüne öýüňiziň adresini düşnüklije edip ýazyp ber. Meniň indi howlugym özüm bilen. Toýuň ugruna çykjak. Rugsatmydyr, Bibijemal jan?
— Menden-ä rugsat.
— Birden öýüňiz razy bolman durubermesin.
— Men razy bolanymdan soň...
— Sag bol, Bibijemal jan. Gyz diýeniň şeýle bor. Oňarýaň, Bibijemal jan, oňarýaň. Öz bagtyň üçin özüň göreşmeseň, kim göreşsin? Ejeň, kakaň barmydyr?
— Hudaýa şükür, bardyr.
— Olar näme işleýän adamlar?
— Ikisem kolhozçy.
— Nähili, gowy adamlarmydyr!
— Meniň üçin-ä ýeriň ýüzünde ejem bilen kakamdan gowy adam ýok.
— Gowy bolany gowy-da. Ýöne olar maňa salybilen salgydyny salaýmasynlar. Şoňa bir kömek berewergin, Bibijemal jan.
— Ine, oňa welin edip biljek kömegim ýok.
Nurtäç gorkdy. Olar salgydy biçak agyr salarlar öýtdi.
— Olar şeýle gymmatçylmydyr?
— Elbetde.

— Be, şeý diýsene? Biziňem-ä ýere-göge sygman üýşüp ýatan zadymyz ýokdur. Aý, näme, Miwe-de özümiziňki-le. Gizläp oturasy zat ýok. Näçeräk bolar öýdüp pikir edýäň? Bibijemal jan, gülme ahyryn. Men çynym bilen soraýan. Öňünden çen-çakyny bilseň gowy-da, gyz.
— Edil bolaýjak ýerinem aýdyp biljek.
— Aýt, Bibijemal jan, aýt. Çekinme.
— Aýtsam şeýle...
Miwe-de bilesi gelip. Bibijemalyň ýüzüne çiňerildi.
— Iller göwherden bolmasa alanok. Aý, bolýar, men gyzyldanam bolsa alaýjak.
— Gyzyldan diýýäniň name? — diýip, Nurtäç durup bilmedi.
— Gyzyldan diýýänimmi? Gyzyldan diýýänimiň biri ýüzük, biri gulakhalka.

**— Wa-ýeý! Seň aýdyp oturan zatlaryňy! O zatlaryň gürrüňini etmesene. Onsuz bolmaz-la. Ýeri, onsoň näme?**
**— Onsoňmy? Onsoň men size iň agyr saljak salgydymyzy aýdyp bereýin.**
**— Aýt, Bibijemal jan, aýt. Hany, iň agyr salgydyňyzam eşideli.**
**— Eşitseňiz, oňa-ha Bäşimiň özi diýýärler. Şondan başga bize uly baýlyk gerek däl.**
**Nurtäç baryp Bibijemaly gujaklady. Saçlaryndsn sypalady. Taýly gezek ýaňaklaryndan ogşady. Begenjinden aglady.**